# MS ACCESS


Microsoft Access
Файл Правка Вид Вставка Формат Записи Сервис Окно Справка
yaz mag 2006 : база данных (формат Access 2000)
Открыть Конструктор Создать
Объекты
Таблицы
Запросы
Создание запроса в режиме конструктора
Создание запроса с помощью мастера
yaz1
yaz1 : запрос на выборку
Haryt Sany Bahasy Jemi
Alma 720 15 000,00mnt 10 800 000,00mnt
Erik 15 8 500,00mnt 127 500,00mnt
Nar 25 12 400,00mnt 310 000,00mnt
0 0,00mnt
Режим таблицы
NUM

A ş y r g y l y ç Ý a z g y l y j o w

# M S A C C E S S

## MAGLUMAT BINÝADYNYŇ DÖREDILIŞININ, ALNYP BARYLYŞYNYŇ TEHNOLOGIÝASY

Aşgabat - 2006

**Ýazgylyjow A.** ACCESS-de maglumat binýadynyň döredilişiniň, alnyp barylyşynyň tehnologiýasy. Aşgabat, 2006, 92 sah.

Kitap häzirki zaman maglumat jemgyýetiniň özeni bolan maglumat binýadynyň döredilişiniň, alnyp barylyşynyň tehnologiýasy MS ACCESS 2003 programma üpjünçiligi esasynda ýazyldy. Kitapda MS ACCESS-de işlemegiň anyk mysallary we hasap işleri getirilen we ol türkmen dilindäki ulanyjy üçin anyklama bolup biler.

Internetde neşir etdirilen şu kitaby awtor hukuklarynyň doly berjaý etmek bilen husgalap alyp bilersiňiz, ulananyňyzda awtora salgylanmak gerekdir. Türkmenistanyň raýatlary üçin zerur Maglumat binýatlaryny döretmäge Size ak ýol arzuw edýärin, ol maglumat binýatlaryň raýatlarymyza, kowumdaşlarymyza elýeter bolmagy meniň maksadymdyr.

**Salgym: Yazgylyjow@Rambler.ru**

**© A. Ýazgylyjow, 2006**

## *Mazmuny*


Giriş ........................................................................................................ 6
1.MS ACCESS-e umumy häsiýetnamalar............................................................ 7
2.MS Access-de ulanylýan adalgalar .................................................................. 7
3.MS ACCESS-e girmegiň, işläp başlamagyň yzygiderligi ................................... 8
4.MS Access-de maglumat binýadynyň tablisasyny döretmek............................... 10
5.MS Access-de tablisalar bilen işlemekde, onuň gurallarynyň niýetlenilişi .......... 13
6.Tablisadaky sütünler, setirler we goşmaça tablisalar bilen işlemek .................... 14
7.Tablisada ýazgylar boýunça biri-birine geçmek gurallary.................................. 15
8.MS Access-de maglumat binýadynyň formalaryny döretmegiň tehnologiýasy ... 15
9.MS ACCESS-de hasabatlary düzmegiň tehnologiýasy ...................................... 20
10.MS Access-de awtohasabaty döretmegiň tehnologiýasy .................................. 25
11.MS Access-de soramalaryň dörediliş tehnologiýasy ........................................ 26
11.1.MS Access-de Soramany konstruktor düzgünde döredilişiniň tehnologiýasy. 27
11.2.MS Access-de Soramany ussadyň kömegi bilen döredilişiniň tehnologiýasy. 28
11.3.MS Access-iň Soramasynda hasaplanylýan meýdanlaryň döredilişiniň tehnologiýasy ........................................................................................ 31
12.MS Access-iň baş menýuy ............................................................................ 32
12.1.Faýl(Файл) menýuynda maglumat binýadynyň faýlyny döretmek ................ 33
12.2.Faýl(Файл) menýuynda döredilen maglumat binýadynyň faýlyny açmak, açylan faýly ýapmak........................................................................ 34
12.3.Faýl(Файл) menýuynda döredilen maglumat binýadynyň faýlyny ýatda saklamak.................................................................................................. 35
12.4.Faýl(Файл) menýuynda maglumat binýadynyň faýlyna daşardan maglumatlar äkelmek, ony başga maglumat bina ibermek.............................................. 35
12.5.Faýl(Файл) menýuynda döredilen maglumat binýadynyň faýlynyň obýektlerini çapa taýýarlamak we çap etmek .............................................. 36
12.6.Faýl(Файл) menýuynda açylan maglumat binýady faýlyň häsiýetini görmek 39
12.7.Düzediş(Правка) menýuynda amal edilýän işleriň tehnologiýasy ................. 41
12.8.Görnüş(Вид) menýuynda amal edilýän işleriň tehnologiýasy ........................ 44
12.9.Goýmak(Вставка) menýuynda amal edilýän işleriň tehnologiýasy ................ 50
12.10.Hyzmat(Сервис) menýuynda amal edilýän işleriň tehnologiýasy ................ 51
12.10.1.Hyzmat(Сервис) menýuynda dürs ýazmak işleriň tehnologiýasy.............. 51
12.10.2.Hyzmat(Сервис) menýuynda Access-iň obýektlerini MS Word we MS Excel bilen baglaşdyrmagyň tehnologiýasy............................................ 52
12.10.3.Hyzmat(Сервис) menýuynda maglumatlara shema we derňew bermegiň tehnologiýasy ........................................................................................ 53
12.10.5.Hyzmat(Сервис) menýuynda gulluk programmalaryndan peýdalanmagyň tehnologiýasy ........................................................................................ 55
12.10.6. Hyzmat(Сервис) menýuy bilen Access-de maglumat binýadynyň goralyşynyň guralyşynyň tehnologiýasy................................................. 57
12.10.7.Hyzmat(Сервис) menýuynda replikasiýa işleriň guralyş tehnologiýasy.... 62

12.10.8.Hyzmat(Сервис) menýuynda Access-i işe girizmegiň parametrlerini(iş ekrany bezemegiň) bermegiň tehnologiýasy ..... 63
12.10.9.Hyzmat(Сервис) menýuynda Access üçin Visual Basic dilde programmirlemegiň guralyşynyň tehnologiýasy ..... 64
12.10.10.Hyzmat(Сервис) menýuynda Access üçin ActiveX elementi, beýleki menýu setirini goşmagyň tehnologiýasy ..... 65
12.10.11.Hyzmat(Сервис) menýuynda atlarda awtoçalyşmagyň tehnologiýasy ..... 66
12.10.12.Hyzmat(Сервис) menýuyndan ekranda buýruklary, gurallar panellerini, parametrleri goýmagyň we aýyrmagyň tehnologiýasy ..... 66
12.10.13.Hyzmat(Сервис)menýuynda iş ekranyna parametrleri goýmagyň we aýyrmagyň tehnologiýasy ..... 69
12.10.13.1.Görnüş(Вид) bermek parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 69
12.10.13.2.Umumy(Общие) parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 70
12.10.13.3.Düzetmek we gözleg(Правка и поиск) parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 72
12.10.13.4.Klawiaturanyň düwmeleri üçin (Клавиатура) parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 72
12.10.13.5.Tablisa düzgüni(Режим таблицы) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 73
12.10.13.6.Forma we hasabat(Форма и отчеты) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 74
12.10.13.7.Sahypalar(Страницы) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 75
12.10.13.8.Tablisalar we Soramalar(Таблицы и запросы) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 76
12.10.13.9.Orfografiýa(Орфография) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 77
12.10.13.10.Ýalňyşlary barlamak(Проверка ошибок) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 78
12.10.13.11.Halklaryň ýazuwy (Международные) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 79
12.10.13.12.Her hili(Другие) parametrleriň goýulyş tehnologiýasy ..... 80
12.11. Penjire(Окно) menýuynda buýruklary bermegiň tehnologiýasy ..... 81
12.12. Anyklama(Справка) menýuynda buýruklary bermegiň(anyklama almagyň) tehnologiýasy ..... 83
13.MS Access-de obýektler bilen işlenilendäki baş menýuy ..... 87
13.1.MS Access-de obýektler bilen işlenilendäki çäk(Формат) menýuyda işlemegiň tehnologiýasy ..... 88
13.2.MS Access-de obýektler bilen işlenilendäki ýazgylar(Записи) menýuyda işlemegiň tehnologiýasy ..... 91

## *Giriş*

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň parasatly we öňden görüji ykdysady syýasatyna esaslanyp, türkmen halky özüniň Altyn asyrynda ruhy galkynmasyny amala aşyrdy, onuň netijesinde döwletimiziň ykdysady ösüşi her ýyl 20 göterimden hem geçýär.

Adamzady gurşaýan maglumatlary toplamak, ony öwrenmek, ýerlikli ulanmak bilimiň we ylymyň çeşmesi bolup durýar. Bu barada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamada "Aklyň müňlerçe ýyllap jemlenip, toplanmagyndan ylym kemala gelipdir" diýip belläp geçýär.

Häzirki maglumat asyry bolan XX asyrda adamzady gurşaýan, onuň bilesigelijiligini kanagatlandyrýan bar maglumatlaryň toplumy ýörite usullar bilen her hili ugurlar boýunça maglumatlar binýady görnüşinde döredilýär, ulanylýar we gündelik alnyp barylýar. Häzirki wagt ýer togalagynda ýaşaýyşyň aýrylmaz bölegi kompýuter toryna esaslanýan maglumat alyş çalyşygydyr. Maglumatlar ýörite usullar bilen toplanyp ulanylyşa ýaramly edilmeli. Ösen bazaar ykdysady gatnaşykly ýurtlarda, onuň raýatlarynyň gündelik ulanmagy üçin iň azyndan 125-den hem gowurak kompýuterleşdirilen maglumat binýatlary bardyr. Kompýuteriň programma üpjünçiliginde birgiden maglumar binýatlarynyň dolandyryş ulgamlary bardyr(MBDU). Olaryň sanawynda has döwrebap MBDU häzirki wagtda kompýuterlerde we kompýuter torynda ulanylýany **MS ACCESS** programmasy bolup durýar. MS **ACCESS** programma dünýä belli **Microsoft** firmanyň önümi bolup, ol **MS Offise** programmalaryň toplumyna girýär hem-de meşhur **MS Word**, **MS Excel** ýaly paogrammalar bilen bilelikde işleýär. Şeýle hem ACCESS-iň obýektlerinde **ActiveX** tehnologiýany ulanmak bilen **Visual Basic** algoritm dilini hem peýdalanyp bolar. Kitap MS ACCESS-de işlemegiň anyk mysallarynda ýazyldy we türkmen dilindäki ulanyjy üçin anyklama bolup biler.

Kitap boýunça bellikleriňizi *Aşgabat, Türkmen Halk Hojalyk Instituty, "Maglumat ulgamlary we maglumat biznesi"* kafedrasyna iberip bilersiňiz.

Mazmuna geçmek

## *1.MS ACCESS-e umumy häsiýetnamalar*

Häzirki zaman ykdysady we dolandyryş meseleleri kompýuter tilsimatynda çözülende esasy çözgütleriň biri hem olar üçin maglumat binýadyny döretmek işi bolup durýar. Onuň üçin kompýuterdäki bar bolan maglumat binýatlaryny döredýän we alyp barýan programmalaryň biri, ulanyjylar üçin elýeter, ulanmasy ýönekeý bolan ulanylýar. Şonuň ýaly kompýuter programmasy MS OFFICE kompýuter programmalar toplumyna girýän we olar bilen berk baglanyşyklysy MS ACCESS kompýuter programmasydyr. Kompýuterde ykdysady meseleler çözülende dürli görnüşdäki formada alynjak resminamalary almaklyk üçin, olardaky maglumatlary islendik görnüşde düzmeklik, görmeklik hem-de dolandyrmaklyk üçin ***Mikrosoft Access*** maglumatlar binýatlaryny dolandyrýan ulgamlaryny peydalanmaklyk ähmiýetlidir.

***Mikrosoft Access*** programma maglumatlaryň relýasion binýadyny döredýär we alyp barýar. ***Mikrosoft Access***-iň obýektleri tablisalardan, soramalardan, formalardan, hasabatlardan, makroslardan we modullardan ybaratdyr.

**Tablisalar(таблицы)** – maglumat binýadynyň esasy obýektidir, olaryň düzümi we mazmuny bardyr. Maglumat binýadynda saklanýan maglumatlar, onuň tablisalarynda saklanylýandyr. Tablisalar deslapky maglumatlaryň ambarydyr.

**Soramalar(запросы)** – doldyrylan maglumat binýady bilen işlemek üçin esasy obýekt bolup durýar. Soramanyň guralyşy esasynda maglumat binýadyndan islendik zerur maglumatyňy tiz tapyp bolar;

**Formalar(формы)** – olar maglumat binýadyny dolandyrýanlar, könesini aýryp täzesini girizýänler üçin zerurdyr.

**Hasabatlar(отчеты)** – olar formalara meňzeşdir, ýöne olar netijäni çap ediji gurluşa çykarýar. Formada-da netijäni diňe ekranda görüp bolar.

**Makroslar(макросы)** – olar makrobuýruklardyr. Makrobuýruklar şol bir meňzeş dowamly işleri ýeňilleşdirmek üçin niýetlenilendir. Adatça olar maglumat binýady bilen işlemegiň awtomatlaşdyrylmasydyr.

**Modullar(модулы)** – olar **Visual Basic for Appilcations**(VBA) programmirleme dilinde, döredilen maglumat binýady üçin ýazylan programmalardyr. Olaryň kömegi bilen MS Access-iň standart serişdeleriniň mümkinçiliklerini giňeltmek bilen diňe özüňe degişli ýumuşlary amal edip bolar.

Mazmuna geçmek

## *2.MS Access-de ulanylýan adalgalar*

MS Access-de ulanylýan esasy adalgalar(terminler) we olaryň düşündirilişi aşakdakylardan ybaratdyr:

**MBDU**(rusçasy-**СУБД,** iňlisçesi **DBMS**-datebase management system)–maglumat binýadyny dolandyrýan ulgam. Olara maglumatlary binýady bilen işlemäge gönükdirilen kompýuter programmalary degişli edip bolar.

**Maglumat binýady**(MB)-Access-de ol faýldyr, onda MBDU-nyň maglumatlary, obýektleri we atlary ýatda saklanylýar. Adatça bir anyk amaly mesele üçin MB döredilýär.

**Tablisa(Таблица)**-maglumat binýadynyň esasy obýekti, onda maglumatlar ýatda saklanylýar.Tablisa sütünlerden-meýdanlardan we setirlerden-ýazgylardan durýar.

**Sorama(Запрос)**-bir ýa-da birnäçe tablisalardan ulanyjynyň kesgitli şertiniň kömegi bilen maglumatlary saýlamagyň serişdesidir. Sorama bilen wirtual tablisalary döredip bolar, olar hasaplanmaly meýdanlardan ýa-da başga tablisalardan alynan meýdalardan durýar. Access-de birnäçe görnüşli soramalar bardyr.

**Forma(Форма)**-maglumatlary ekranda şekillendir-megiň we dolandyrmagyň serişdesidir.

**Ýazgy(Запись)**-tablisanyň setiridir. Ýazgy tablisada maglumatlary ýatda saklamak, soramada, formada maglumatlary saýlamak üçin standart blok bolup durýar.

**Meýdan(Поле)**-tablisanyň sütünidir. Oňa birnäçe häsiýetler berilýär.

**Açar meýdan(Ключевое поле)**-ol meýdandyr, onuň bahasy tablisada ýazgyny bir belgili kesgitlemek üçin niýetlenilendir.

**Açar(Ключ)**-ol bir ýa-da birnäçe meýdan bolup, onuň kömegi bilen tablisadaky ýazgylary tapawutlandyryp ýa-da tablisaara arabaglanyşygy gurap bolar.Access-iň standart belgisi hem açardyr.

**Sanaýjy(Счетчик)**-tablisada ýazgylaryň tertip nomerini berýän meýdandyr.

**Indeks(Индекс)**-tablisada indeksirlenýän meýdanyň bahasy boýunça ýazgylary awtomatiki tertipleşdirýän serişde. Indeksleriň iki görnüşi bardyr; meýdanda şol bir bahalary gaýtalamaga rugsat berýän we rugsat bermeýän görnüşleridir.

**Ýazgynyň belgilenýän böleg(Область выделе-ния записи)**-setiriň çepindäki dörtburçly ýerdir, oňa peýkamy eltip bassaň tutuş setir-ýazgy belgilener-garalar.

**Meýdanyň belgilenýän bölegi(Область выделения поля)**-tablisanyň sütüniniň-meýdanynyň iň ýokarky ýeridir. Oňa peýkamy eltip bassaň sütün tutuşlygyna belgilner-garalar.

**Dolanyş zolagy(Полоса прокрутки)**-iki düwmesi we tutup süýşiriläni bar obýekt, onuň bilen penjirdaki ýa-da sanawdaky maglumatlaryň penjiredäki eýeleýän ýerini üýtgedip bolar.

**Gat(Вкладка)**-parametrleri girizmek üçin peýdalanylýan gepleşik penjireleriň maglumat girizijilik mümkinçiligini köpelsýän obýektdir.

**Konstruktor(Конструктор)**-maglumat binýadyň obýektleriniň(tablisalaryň, soramalaryň, formalaryň, hasabatlaryň, makroslaryň, modullaryň) häsiýetlerini kesgitleýän düzgündir. Konstruktoryň öz penjiresi bardyr, onda obýekte-blanka häsiýetler bermek üçin tablisa ýerleşendir. Konstruktor dügüni maglumatlara seretmek düzgünini çalýşyp biländir.

**Peýkam** ýa-da **görkeziji(Указатель мыши)**-syçan bilen baglanyşykly belgijikdir. Ol her hili görnüşde bolup biler, köplenç peýkam görnüşde ulanylýar.

**Geçiriji(Переключатель)**-dolandyryş elementi bolup ol parametriň birnäçe wariantlaryndan diňe birini saýlamaga mümkinçilik berýär.

**Baýdajyk(Флажок)**-dolandyryş elementi bolup ol bar bolsa işjeň ýagdaýda ýogsamam hasaba alynmaýar.

**Gapdal menýu(Контекстное меню)**-obýekt bilen baglanyşykly, oňa baryp ýa-da belgiläp syçanyň sag gulagyny basanyňda çykan sanaw. Ol sanawdaky buýruklar diňe belgilenen obýekte degişlidir.

**SQL**(Structured Query Language)-soramalaryň düzümlenen dili. Kompýutrde ulanylýan programmalaryň köpüsüniň standart ulanylýan dilidir, ol öwrenmäge ýönekeý we ulanmaga ýeňil dildir.

**Ussat(Мастер)**-degişli ýerde kesgitli kiçijik meseläni çözmäge niýetlenen programmadyr. Ussat ulanyjy bilen gepleşik penjiresi arkaly meseläni birnäçe tapgyrda ulanyjyny kanagatlandyrýan görnüşde çözmäge ýardam edýär, tapgyrdaky penjireleriň islendiginden yzyňa gaýdyp bolar.

**Gipersalgylanma(Гиперссылка)**-işlenilýän ýerde käbir faýly çagyrmak üçin görkezijidir. Ol Access-de maglumat binýadyny Internetiň, Intranetiň, beýleki ýerli şol sanda kompýuter toryndaky faýllar bilen birleşdirmek üçin kuwwatly serişdedir.

Mazmuna geçmek

## *3.MS ACCESS-e girmegiň, işläp başlamagyň yzygiderligi*

**MS ACCESS-de** maglumatlar binýatlaryny dolandyrýan ulgama (**MBDU**) girip işläp başlamagyň tertibi**:**

1. ***Microsoft Windows*** operasion ulgamyň iş stolunyň üsti bilen ***Microsoft Access*** MBDU girmek(Пуск>>Программы>> (Microsoft Office hp >>) Microsoft Office Access>>Enter.
2. ***Microsoft Access*** hp programmanyň iş ekrany şeýle görüner




Bu ekrandan  ýazgyny ýa-da **Файл**>>  setiri saýlap **Enter** basmaly, şonda şu penjire ekrana geler




3. Ýokarky äpişgedäki sanawdan **Новая база** данных saýlap alyp **Enter** basmaly, şonda şu penjire çykar



Bu penjiräniň  -ýerindäki **db3** ýazgynyň ýerine öz döretjek maglumat binýadyň adyny ýazmaly, ony şol ýagdaýda goýsaňam bolar, ony kompýuteriň öz berer.

Mazmuna geçmek

# 4.MS Access-de maglumat binýadynyň tablisasyny döretmek

Öz döretjek maglumat binýadyňyzy ýerleşdirjek papkaňyzy şu setiriň 

yzyndaky  belgini basanyňda çykan sanawdan saýlap alyp **Открыть** basmaly hem-de penjiredäki **Создать** düwmäni basmaly.




Bu penjireden täze at bilen döredilmeli maglumat binýadyny döretmegiň usullaryny saýlap alyp bolar.

Eger 

saýlasak, onda şeýle penjire geler:




Bu ýerde 

ýazylan setirde dörediljek maglumat binýadyň rekwizit düzüminiň tertibi boýunça biriniň adyny ýazmaly. Mysal üçin, **Familiýasy** -rekwizit şeýle ýazylýar




Bu ýerde ýazylan rekwizitiň maglumatynyň görnüşi **Тип данных** sütüne syçanyň kursoryny elteniňde çykan ýokarda getirilen sanawyň birini saýlamaly.

Sanawdaky rekwizitler üçin berilmeli häsiýetler aşakdakylardan ybaratdyr:

**Текстовый**-rekwizitiň bahasy diňe ýazgy, şol sanda san, san gatyşykly ýazgy bolsa; rekwizite hiç hili görnüňiz programma oňa şeýle bahany öz-özünden berer;

**Поле MEMO**-rekwizitiň bahasynda örän uly ýazgy girizmeli bolsa peýdalanylýar. **Текстовый** meýdandan tapawutlykda onda ýazgy saklanmaýar, ýazgy başga ýerde belgilenilen(metka) görnüşinde saklanylýar, gerek bolsa ol ýerden çagyrylýar;

**Числовый**-rekwizitiň bahasy diňe san, şol sanda bitin, drob, adaty položitel we otrisatel bolsa hem; Bu meýdana girizilen rekwizitleriň üstünde islendik arifmetik we algebraik amallar ýerine ýetirilýär;

**Дата/время**-rekwizitiň bahasy **sene** we **wagt** bolsa, olaryň görnüşleri her hili formatda girizilip biliner;

**Денежный**-rekwizitiň bahasy pul biriginde aňladylmaly bolsa

**Счетчик**-rekwizit maglumat bazasynda ýazgylary sanamak üçin ulanylmaly bolsa, oňa aýratyn rekwizit bermek hökmanam däldir, kompýuteriň özi ony awtomatiki berip biler, onuň bahasy “**Tertp №**” –diýen ýaly baha alyp bilýär;

**Логический**-rekwizitiň bahasy logika ululyk bolup, **Hawa** ýa-da **Ýok** bahalary alyp biler;

**Поле объекта OLE**-rekwizitiň bahasy başga ýerde döredilen obýektleri çagyryp ýerleşdirmek üçin ulanylsa;

**Гиперссылка**-rekwizitiň bahasy başga faýldan, şol sanda Web sahypadaky faýyldan alynmaly bolsa;

**Мастер подстановок…**-rekwizitiň bahasy ussat arkaly ýerine goýulmaly bolsa.

Ýokarky şekildäki **Описание** sütünde şol setirdäki rekwizite degişli düşündiriş, teswirnama bermek üçin ulanylýar.

Aşakdaky şekilde Talyp barada döreden maglumat binýadymyzyň düzümi getirilendir




Bu ýerde her bir ýazgynyň setiriniň üstüne baranymyzda **Тип данных** sütünde beren häsiýetimize ýenede berilmeli goşmaça häsiýetleri penjiräniň aşaky eteginde **Общие** gatdaky sanawyň sagyndaky sütünden berip bolar, mysal üçin **Денежный** häsiýetiň pul birligi, onuň aňladylyşyny ol setiriň sagyndaky belgini basanyňda çykan sanawdan birini saýlap goşmaça maglumaty berip bolar.

Maglumat binýadynda milli pul birliginiň gysgaltmasy ýa-da doly ýazylmasy bolmak üçin onuň belgilenişi MS Windowsda bolmaly. Halkara derejesinde ylalaşylan milli pulyň belgilenmesi ýok bolsa ony Windowsyň **Пуск>>Настройка> >Панель управления>>Язык и региональные стандарты>> Региональные параметры** çykan penjireden berilýär



-belgini basyp milli diliň harplarynyň kompýuteriň klawiaturasynyň düwmelerinde goýulyşyny, onuň aşaky etegindäki çykan sanawdan bermeli, şonda ol diliň pulynyň belgisi hem çykar. Maglumat binýady döredilýän diliň harplary kompýuteriň klawiaturasynda goýulmadyk bolsa milli pulyň birliginiň belligini goýmak üçin ýokardaky penjiredäki Настройка...-düwmäni basyp, çykan penjiräniň Денежная единица gatynda şeýle bermeli




Girizen milli pul belgimizi penjiredäki **Применить** we **OK** düwmeleri basyp berkitmeli Umuman döredilen tablisamyzyň görnüşi şeýle görüner




Ony ýatda saklamaly




Şonda täze maglumat binýadyň şu faýly şu ýerde görüner




Döreden maglumat binýadymyzyň ýokarky düzümdäki faýlymyza **anyk maglumatlary** girizmek üçin yaz-talyplar 2006 faýly açmaly, açylanda onuň görnüşi




Bu ýerde bir rekwizitiň bahasyny ýazyp hatardaky indiki rekwizite klawiaturadaky ⭾ - **Tab** ýa-da →, ← düwmeleriň birini basyp geçmeli.

Mazmuna geçmek

## *5.MS Access-de tablisalar bilen işlemekde, onuň gurallarynyň niýetlenilişi*

Tablisalardaky maglumatlar bilen işlenilende öna degişli gurallar panelini ulanmak zerurdyr. Buýruklary ýerine ýetirmek üçin bir topar düwmelerden ybarat ýörite gurallar paneli bardyr. Gurallar paneli iş penjirede ýok bolsa onu MS Access-iň baş menýuyna baryp **Сервис>>Настройка>> Панел инстументов** gata baryp, gerek gurallaryň öňüne bellik edip **Закрыть** düwmäni basyp goýup bolar, onuň penjiresiniň görnüşi



Tablisa düzgünindäki gurallar paneliniň  umumy görnüşi aşakdaky şekillerde getirilendir




Bu ýerde

1 Maglumatlary çap ýa-da deslap görmek gurallarydyr.

2 Dürs ýazywy barlaýan düwme, ol MS Offise programmada şol diliň sözlügi bolsa işlär.

3 Belgilenen ýazgy bölegini, tutuş ýazgylary ýa-da ähli tablisany kesip almak, nusgalamak ýa-da ýerine goýmak  işleri amal edýär.

4 Ýazgylary ösýän ýa-da kemelýän tertipde tertipleşdirýär.

5 Ýazgylary saýlaýar, bahalaryny gözleýär ýa-da ýerini üýtgedýär.

6 Ýazgylary goşýar ýa-da aýyrýar.

Mazmuna geçmek

## 6.Tablisadaky sütünler, setirler we goşmaça tablisalar bilen işlemek

Tablisanyň sütünleri, setirleri we goşmaça tablisalary bilen işlemek üçin gurallary onuň özünden tapyp bolar ýa-da peýkamy tablisanyň iň çepki meýdana eltip şu -belginiň duran sütünine eltip iki sapar basyp tapyp bolar




Bu ýerde

1 Sütüni ýerinden üýtgetmek, gizlemek ýa-da täze at bermek üçin ony beglilemek ulanylýar.

2 Setiriň ýa-da sütüniň möçberini üýtgedip bolar.

3 Arabaglanyşykly maglumatlary görmek üçin goşmaça tablisany peýdalanmak.

1 Iň çep gyrakky sütüni ýerleşdirmek, ol dolanyş sahypany saga dolanyňda ekranda görünmelidir.

Mazmuna geçmek

## 7.Tablisada ýazgylar boýunça biri-birine geçmek gurallary

Tablisada ýazgylar boýunça geçmek üçin, onuň aşaky etegindäki şu gurallar toplumy ulanylyp biliner




1 Birinji ýazga geçmek düwmesi.

2 Kursoryň duran ýazgysyndan öňki ýazga geçmek düwmesi.

3 Gerek ýazgyň nomerini girizmek düwmesi.

4 Kursoryň duran ýazgysyndan indiki ýazga geçmek düwmesi.

5 Kursoryň duran ýazgysyndan iň soňky ýazga geçmek düwmesi.

6 Kursoryň duran ýazgysyndan täze(boş) ýazgy setirine geçmek düwmesi.

Indi bolsa ýokarky döredilen düzümimiz boýunça girizilen maglumatlaryň görnüşini görkezeliň:


yaz-talyplar 2006 : таблица

| Familiýasy | Ady | Atasynyň ady | Talybyň tertip nomeri | Dogulan ýyly | Okaýan topary | Alýan talyp haky |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Gurbanow | Meret | Kelhanowiç | 1 | 25.08.1984 | 841 | 1220000 |
| Kakajew | Kaka | Hanowiç | 2 | 31.03.1984 | 621 | 1200000 |
| Honow | Serdar | Kuwwat ogly | 3 | 21.01.1985 | 3210 | 1200000 |
| | | | (Счетчик) | | 0 | 0 |

Mazmuna geçmek

## 8.MS Access-de maglumat binýadynyň formalaryny döretmegiň tehnologiýasy

MS Access-de döredilen tablisalar esasynda formalar döretmek üçin “**yaz-talyplar 2006**” tablisaly iş penjiresi şeýle görnüşde bolmaly




Berlen tablisa esasynda formalar döretmek üçin iş meýdanyndaky penjiräniň ýokarsyndaky Создание формы в режиме конструктора - konstruktor düzgünde forma döretmek ýa-da Создание формы с помощью мастера - formany ussadyň kömegi bilen döretmek iki setirden birini saýlamaly.

1.Gerek formaňy döretmek üçin Создание формы в режиме конструктора bassaňyz şu penjire açylar




Bu ýagdaýda formany özüň döretmeli, onuň üçin formanyň çepindäki gurallar panelini ulanmaly.

2.Eger gerek formaňy döretmek üçin Создание формы с помощью мастера bassaň ekrana ussada bermeli parametrleri görkezmek şu penjire ekrana geler




Şu penjiräniň sagyndaky meýdana “**yaz-talyplar 2006**” tablisadaky çepdäki sanawdan gerek rekwizitiňi belgiläp geçirmeli.

Eger rekwizitleri ýeke-ýekeden geçirjek bolsaň, şu ýerdäki  > -belgini  basmaly. Hemme rekwiziti birbada geçirjek bolsaň şu ýerdäki  >> -belgini  basmaly.

Saýlanyp saga geçirilen rekwizitleri yzyna hem geçirip bolar. Eger rekwizitleri ýeke-ýekeden geçirjek bolsaň, şu ýerdäki  < -belgini  basmaly. Hemme rekwiziti birbada yzyna geçirjek bolsaň şu ýerdäki  << -belgini  basmaly.




Sagdaky rekwizitleri islendik tertipde yzly-yzyna ýerleşdirip bolar, onuň üçin isleýän tertibiňizde çepdäki rekwizite baryp > basmaly.

Ýokardaky penjire kanagatlandyrsa **Далее>** düwmäni basmaly, şonda formanyň görnüşini saýlamak penjiresi açylar




Penjiräniň sagyndaky sanawdan döretjek formaňyzyň görnüşi saýlanyp alynmaly.

1.Sagdaky sanawda  setirde bellik etseň forma **bir sütün görnüşde** bolar.Mysal üçin


2.Sagdaky sanawda **Ленточный** setirde bellik etseň




alynjak forma yzly-yzyna bolar. Mysal üçin




3.Sagdaky sanawda 

setirde bellik etseň alynjak forma *tablisa* görnüşde bolar. Mysal üçin




4.Sagdaky sanawda 

setirde bellik etsek alynjak forma *gyradeňlenen* görnüşde bolar. Mysal üçin,




5.Sagdaky sanawda 

setirde bellik etseň alynjak forma *jemlenen tablisa* görnüşinde bolar. Onuň iş penjireleri aşakdaky görnüşdedir:




Bu ýerde *jemlenen tablisa* üçin rekwizitleri kiçi penjireden uly penjiräniň degişli ýerine syçan bilen süýräp geçirmeli.

6.Sagdaky sanawda 

setirde bellik etseň alynjak forma *jemlenen diagramma* görnüşinde bolar.




Penjiräniň aşaky etegindäki rekwizitleri degişli ýerlere süýräp eltsek gurulan jemlenen diagramma şeýle görnüşde bolar:




Formanyň ýokarky 1-6 sany görnüşleriniň birini saýlanyňdan soň penjiredäki **Далее>** düwmäni basmaly, şonda şu penjire ekrana geler




Penjräniň sagyndaky sanawdan alynjak formanyň *düşeginiň* görnüşini bermeli, soňra **Далее>** düwmäni basmaly, şonda şu penjire ekrana geler




Bu penjiräniň 

ýazylan setiriň aşaky etegindäki zolakda dörediljek forma at bermeli, hem-de penjiredäki şu 

setirde bellik etsek, formany açyp seredip we açylan forma maglumatlar girizip bolar. Döreden formamyz şeýle açylýar




Formanyň çepindäki görkezilen rekwizitleriň bahalaryny üýtgedip bolar. Kursoryň baran ýeriniň alyp biljek bahasy barada goşmaça maglumat iň aşaky etekde çykar. Tablisanyň ýazgysynyň tertibi 

- şu setirde görkezilýär. Ýazgydan-ýazga öňe ýa-da yza geçmeklik bu setirdäki degişli peýkamy basyp amal edip bolar.

Mazmuna geçmek

## *9.MS ACCESS-de hasabatlary düzmegiň tehnologiýasy*

MS ACCESS-de Hasabat munyň özi maglumat binýadynyň esasynda düzülýän resminamadyr. MS ACCESS hasabaty her hili usullarda we görnüşlerde düzmäge mümkinçilik berýär. Hasabata maglumat binýatdaky ähli maglumatlar ýa-da soramalar bilen saýlanan maglumatlaryň esasynda düzülip biliner. Hasabaty tablisalaryň şeýle hem soramalaryň esasynda düzüp bolar.

Hasabat düzmek üçin MS Access-däki şu äpişgedäki görnüşe barmaly ýa-da umumy maglumat binýady faýly açmaly



Bu penjiräniň çepindäki 

-şu ýerde bellik etmeli, soňra 

ýa-da 

birini açmaly.

Bu ýerde 

-düzgünde hasabatyň düzümini özüň bermeli, onuň görnüşi öz islegiňe bagly. Onuň iş penjiresiniň görnüşi




Bu ýerde hasabat penjiräniň çepindäki gurallar paneli bilen amal edilýär.



-düzgün bilen hasabat ussadyň kömegi bilen düzülýär. Bu ýerde hasabat ýarym awtomatiki ýagdaýda düzülýär. Ony işe girizsek aşakdaky penjire çykar




Bu penjireden düzüljek hasabatyň rekwizit düzümi, olaryň tertibi çepki **Доступные поля:** sanawdan sagdaky **Выбранные поля:** geçirmek bilen döredilýär, onuň üçin degişli geçiriljek rekwizitiň üstüne baryp ortadaky > düwmäni basmak ýeterlikdir. Mysal üçin




Rekwizitler saýlanylandan soň **Далее>** düwmäni basmaly, şonda şeýle penjire ekrana geler




Bu penjiräniň çepindäki sanawdan haýsy rekwiziti beýlekilerden *ýokarda* ýa-da *aşakda* ýerleşdirjek bolsaň, onyň üstüne barmaly, soňra > düwmäni baasmaly. Beýle saýlawyň zerurlygy bolmasa **Далее>** düwmäni basaýmaly, şonda hasabat döretmegiň indiki penjiresi şeýle görnüşe eýe bolar



Bu ýerde ýokarky penjirede saýlanan rekwizitleriň her haýsynyň bahasynyň *ösýän* ýa-da *kemelýän* tertipde ýerleşdirilmelidigini bermeli, ony sagdaky  basanymyzda çykan şu sanawdan bermeli




Sagdaky **по возрастанию**(*ösýän*) ýazgynyň üstüne syçanyň peýkamyny eltip bassak, ol ýazgy **по убыванию**(*kemelýän*) ýazga owrüler ýa-da tersine. Hasabaty döretmegi dowam etdirmek üçin ýenede penjiredäki **Далее>** düwmäni basaýmaly, şonda hasabatyň maketini saýlamak üçin şu penjire çykar




Penjiräniň Макет böleginden üç ýagdaýdan birini saýlamaly:

Eger  -saýlasak, alynjak hasabat ýokardaky çep görnüşe eýe bolar. Gutarnykly hasabatyň şu görnüşdäkisiniň mysaly:




Eger  -saýlasak, alynjak hasabat tablisa görnüşinde ýerleşdiriler. Onuň mysalda görnüşi şeýledir:




Eger 

-saýlasak, alynjak hasabat gyradeňlenen bolar. Onuň anyk mysalda görnüşi şeýledir:




Hasabat döretmegiň ýokarky penjiresinde alynjak hasabatyň adaty kagyzda dikligine ýa-da keseligine ýerleşdirilmesiniň ugryny sagdaky Ориентация bölekde berip bolar. Eger 

bellik etseň alynjak hasabat *dik* kagyzda bolar. Eger 

bellik etseň alynjak hasabat *kese* kagyzda bolar. Bu penjiräniň şu- 

böleginde bellik goýsaň alynjak hasabatdaky rekwizitleriň meýdany şol berlen sahypa görä düzlener. Berlen sahypada ýerleşmese rekwizitleriň atlarynda goýulyp gidilen böleginiň bolmagy mümkindir.

Penjirede berilmeli maglumatlar berilenden soň ýenede **Далее>** düwmäni basmaly, şonda şeýle penjire ekrana geler




Bu penjireden düzüljek hasabatyň *ýazylyş görnüşi* sagdaky äpişgedäki sanawlaryň birini saýlamak bilen berlip biliner, **Деловой**(işjeň) setiri saýlasak, hasabat penjiräniň çepindäki görnüşde

bolar. Hasabatyň *ýazylyş görnüşi* saýlanylandan **Далее>** düwmäni basmaly, şonda şeýle penjire ekrana geler




Bu penjiräniň Задайте имя отчета: ýazgynyň zolagynda dörediljek hasabata at bermeli:




soňra penjiräniň aşaky etegindäki **Готово** düwmäni basmaly.

Döreden hasabatymyzyň görnüşi aşakdaky penjirede getirilendir




Mazmuna geçmek

## *10.MS Access-de awtohasabaty döretmegiň tehnologiýasy*

MS Access-de bar bolan maglumat binýadyny açmaly, şonda aşakdaky penjire ekrana geler



Awtohasabaty bar bolan maglumat binýatlarynyň esasynda düzmek üçin şu penjiräniň ýokraky menýuyndaky 

düwmä baryp ony açmaly, şonda aşakdaky penjire ekrana geler




Awtohasabatyň **Автоотчет: в столбец** ýa-da **Автоотчет: ленточный** ýzgylaryň birini saýlamaly, ondan soň aşaky etekdäki -belgini basyp çykan sanawdan maglumat tablsanyň ýa-da soramanyň birini çeşme hökmünde saýlamaly.

Soňra penjiredäki OK düwmäni basmaly. Taýýar hasabata seredip görmeli, iş gönejaý bolsa ony ýatda saklamaly ýa-da printerde çap etmeli.

Mazmuna geçmek

## *11.MS Access-de soramalaryň dörediliş tehnologiýasy*

*Soramalar* munyň özi maglumat binýadynyň bir ýa-da birnäçe tablisalaryndan soraýjynyň şertine laýyklykda ýazgylary saýlamakdyr. MS Access-de bäş sany soramalaryň görnüşini ulanyp bolar:

1.Saýlamak üçin soramalar.
2.Parametrli soramalar.
3.Çatyrykly soramalar.
4.Üýtgetmäge soramalar.
5.Ýörtiteleşen **SQL** soramalar (**Structured Query Language** – Soramalaryň düzümlenen dili).

MS Access-de soramalar köplenç saýlamak üçin ýerine ýetirilýär.

MS Access-de sorama döretmek üçin işlenýän maglumat binýady açylan bolmaly, onuň görnüşi




Mazmuna geçmek

## *11.1.MS Access-de Soramany konstruktor düzgünde döredilişiniň tehnologiýasy*

Döredilmeli soramany iki usul bilen amal edip bolar birinjisi 

- bolanda konsturktoryň kömegi bilen bolup, ony açanymyzda şu penjire çykar




Bu ýerde **Добавить** düwmäni bir sapar basamaly hem-de **Закрыть** düwmäni basmaly şonda ekrana şu sorama penjiresi geler




Bu penjiräniň ýokarysyndaky bölegine sorama ediljek tablisalar getirilmeli, aşaky böleginde bolsa sorama goşuljak her bir rekwizite häsiýetnama bermeli, onuň üçin Поле ýazgynyň sagyndaky öýjige kursory eltmeli, syçanyň peýkamyny oňa eltip basmaly çykan sanawdan gerek rekwizitiňi çykan aşaky sanawdan birini saýlap ol ýere goýmaly.




**Имя таблицы:** ýazgynyň sagyndaky öýjik meýdanyna ýokarky rekwizitiň haýsy tablisadan alynmalydygy görkezilmeli.

**Сортировка**: ýazgynyň sagyndaky öýjik meýdanyna şol sütüniň rekwizirleriniň tertipleşdirilişi, öýjigiň sagyndaky  - belgini basanymyzda çykan şu sanawdan-




saýlamaly; rekwizitiň bahasynyň ösüşi boýunça bolmaly bolsa

**по возрастанию** ýazgyny saýlamaly; rekwizitiň bahasynyň kemelişi boýunça bolmaly bolsa **по убыванию** ýazgyny saýlamaly; hiç hili talap bolmasa (отсутствует) ýazgyny saýlamaly.

Sorama goşuljak rekwizitler saýlanylansoň, şertler berleninden soň penjiredäki -belgini basmaly. Şonda taýýarlanylan soramany ýatda saklamagy sorar




Soramany ýatda saklamak üçin **Да** düwmäni basmaly. Şonda täze döredilen soramany ýatda saklamak üçin at bermek soralar




**Имя запроса**: ýazgynyň aşaky zolagyna Sorama1 ýazyp **OK** basyp ony ýatda saklamaly. Ekrandaky penjirede onuň ady bolar




Bu penjiredäki Sorama 1 açsak biziň döreden soramamyza şeýle jogaply penjire geler




Ony üýtgedip hem bolar, çap edip hem bolar.

Mazmuna geçmek

## *11.2.MS Access-de Soramany ussadyň kömegi bilen döredilişiniň tehnologiýasy*

MS Access-de döredilen maglumat binýady üçin soramany döretmek iş penjre şeýle ýagdaýda bolmaly




Bu ýerde Создание запроса с помощью мастера-setiri açmaly, şonda soramanyň düzümini kesgitlemegiň penjiresi açylar




Bu penjiräniň **Таблицы и запросы** ýazgynyň aşaky etegindäki zolagyň sagyndaky belgini basyp soramanyň rekwizitleriniň düzümi bolan maglumat binýatda bar bolan tablisalary we öň bar bolan soramalary açmaly. Olaryň her birini açanyňda **Доступные поля**: äpişgäniň meýdanyna açylan tablisanyň ýa-da soramanyň rekwizit düzüminiň sanawy çykar. Soramada gerek rekwizitiňi öz ýerleşdiriiş islegiňe görä ortadaky >-düwmäni basyp **Выбранные поля**: äpişgä geçirip bolar.

Biz **yaz-talyplar** tablisadan ýa-da **sorama1** soramadan aşakdaky soramanyň düzümini kesgitläliň




**Bellik**: Täze sorama diňe bar bolan tablisalardan ýa-da diňe öň döredilen soramalardan düzülmelidir. Birbada hem tablisalardan hem-de soramalardan täze soramany düzüp bolmaz!

Soramanyň düzümi kanagatlandyrmasa, sagdaky gerekmejek rekwizitleri yzyna < düwmäni basyp geçirip bolar. Soramanyň düzümi kanagatlandyrsa penjiräniň aşaky etegindäki **Далее>** düwmäni basmaly, şonda ekrana şu penjire geler




Bu ýerde ýönekeý soramalary döretmegiň iki usulyndan birini saýlamak teklip edilýär. Eger 

-setirde şeýle bellik edip **Далее>** düwmäni bassak, döreden soramamyza at bermegi soraýan penjire ekrana geler




Bu penjiräniň **Задайте имя** запроса: ýazgynyň aşagyndaky zolaga soramanyň adyny **Sorama 2** diýip bereliň, aşakdaky **Открыть запрос для просмотра данных** ýazgyda bellik etsek döreden soramamyzy göreris ýa-da **Изменить макет запроса** ýazgyda bellik etsek yza gaýtmaly bolarys. Alynan netijäniň görnüşi aşakdaky penjirede getirilendir


Sorama 2 : запрос на выборку

| Familiýasy | Ady | Dogulan ýyly |
|---|---|---|
| Gurbanow | Meret | 25.08.1984 |
| Kakaýew | Kaka | 31.03.1984 |
| Hanow | Serdar | 21.01.1985 |
| | | |

Talybyň familiýasyny girizmeli

Ýokarky alynan Sorama 2 sorama düzedişler girizip bolar, islendik ýerinden rekwizitleri aýryp bolar, islendik ýere täze rekwizitleri goşup bolar, şeýle hem rekwizitleriň möçberine täze çäk berip bolar. Mysal üçin ýokarky soramany aşakdaky ýaly üýtgedip bolar


Sorama 2 : запрос на выборку

| Familiýasy | Ady | Dogulan ýyly |
|---|---|---|
| Myradow | Meretmuhammet | 25.08.1984 |
| Kakaýew | Kaka | 31.03.1984 |
| Hanow | Serdar | 21.01.1985 |
| Ýazgylyjow | Azat | 17.02.1980 |
| | | |

Senesini girizmeli

Mazmuna geçmek

## 11.3.MS Access-iň Soramasynda hasaplanylýan meýdanlaryň döredilişiniň tehnologiýasy

Access-de maglumat binýadynyň obýektleri döredilende käbir hasaplanyp alynmaly meýdanlary-sütünleri döretmek zerur bolup durýar. Onuň üçin ilki bilen maglumat binýadynyň deslapky tablisasyny döretmeli, ondan soň ol tablisany sorama öwürmeli.

Ilki bilen aşakdaky görnüşde maglumat binýadynyň tablisasyny döredeliň


yaz haryt 2006 : таблица

| Tertibi | Haryt | Sany | Bahasy |
|---|---|---|---|
| 1 | Alma | 720 | 15 000,00mn |
| 2 | Erik | 15 | 8 500,00mn |
| 3 | Nar | 25 | 12 400,00mn |
| (Счетчик) | | 0 | 0,00mn |

Tablisany sorama öwüreliň, täze açylan soramanyň Поле: ýazgysyna gerek meýdanlaryňy geçirmeli iň sagyndaky meýdana-sütüne hasaplanmaly aňlatmany ýazmaly.Mysal üçin

[haryt]!Sany*[haryt]!Bahasy

Taýýar soramanyň görnüşi şeýledir




Ýörite meýdan döredilenini, soramadan tablisa düzgünine geçip anyklamaly. Ondan soň soramany ýapmaly. Şonda täze döredilen ýa-da üýtgedilen sorama at bermegi kompýuter sorar, degişli at berip açylan penjiräni ýapmaly.

Hasaplanylan meýdan bilen alynan tablisanyň görnüşi aşakdaky ýalydyr


yaz1 : запрос на выборку

| Haryt | Sany | Bahasy | Выражение1 |
|---|---|---|---|
| Alma | 720 | 15 000,00mnt | 10 800 000,00mnt |
| Erik | 15 | 8 500,00mnt | 127 500,00mnt |
| Nar | 25 | 12 400,00mnt | 310 000,00mnt |
| | 0 | 0,00mnt | |

Bu ýerde Выражение1 ýazgyny üýtgedip hem bolar, onuň üçin taýar “yaz1” soramany Конструктор düzgünde açyp Выражение1 sözüň ornuna “Jemi” söz bilen çalyşmaly hem-de soramanyň täze düzümini ýat-da saklamaly. Netije aşakdaky ýaly bolar


yaz1 : запрос на выборку

| Haryt | Sany | Bahasy | Jemi |
|---|---|---|---|
| Alma | 720 | 15 000,00mnt | 10 800 000,00mnt |
| Erik | 15 | 8 500,00mnt | 127 500,00mnt |
| Nar | 25 | 12 400,00mnt | 310 000,00mnt |
| | 0 | 0,00mnt | |

Mazmuna geçmek

## 12.MS Access-iň baş menýuy

MS Access-iň ähli iş buýruklary we iş gurallary belgijikler hem-de gurallaryň atlary ýazylan baş menýuda jemlenendir, onuň iň penjiresindäki setiri seýle ýazylandyr



Baş menýu-yň setirindäki adalgalaryň üstüne syçanyň peýkamyny eltip bassak, şonda onuň özüne degişli menýu-y çykar.

Mazmuna geçmek

## 12.1.Faýl(Файл) menýuynda maglumat binýadynyň faýlyny döretmek

Файл menýuyň görnüşi we ondaky buýruklaryň sanawy aşakda getirilendir




*Faýl menýu-yň umumy sanawy*

Bu ýerde Создать... Ctrl+N buýruk setiri basanymyzda maglumat binýadyň faýlyny döretmek işinde amal edilmeli işleriň birini saýlamak üçin aşakdaky penjire açylar




Bu penjirede Новая база данных... -setiri bassak öz kompýuterimizde adatça döreden maglumat binýat faýyllarymyzyň ýatda saklanýan papkasy bar bolan penjire açylar




**Имя файл:** ýazylan ýeriň sagyndaky meýdançada-zolakda dörediljek maglumat binýadynyň faýlyna at bermeli, biz oňa **talyplar 2006** diýip at berdik ýogsam **Access**-iň özi **db5** diýip at berer. Soňra **Папка:** ýazylan setiriň aşagyndaky şekilleriň birini ýa-da ol ýazgynyň sagyndaky zolagyň -belgisini basyp, çykan sanawdan döretjek maglumat binýady ýerleşdirjek papkaňy görkezmeli. Hiç zat görkezmeseň döreden faýlyň **Мои документы** papkada bolar. Ondan soňra **Создать** düwmäni basyp maglumat binýadynyň içki düzümini kesgitlemek işine girişmeli.

Mazmuna geçmek

## *12.2.Faýl(Файл) menýuynda döredilen maglumat binýadynyň faýlyny açmak, açylan faýly ýapmak*

Access-de öň döredilen maglumat binýadynyň faýyllarynyň birini açmak üçin **Файл>>** Открыть... Ctrl+O >>**Enter** basmaly, şonda şu penjire açylar




Bu penjire edil faýl döredilendäki ýalydyr. Oňi bilen açyljak faýlyň papkasynyň duran ýeri **Папка:** ýazgynyň aşaky etegindäki piktogrammalardan ýa-da onuň sagyndaky -belgini basyp gerek papkaňy saýlamaly, onyň ady penjiräniň sanawynda bar bolsa oňa baryp-belgiläp Открыть düwmäni ýa-da Enteri basmaly hem-de açylan faýl bilen işiňi dowam etdirmeli.

Access-de maglumatlar binýady bilen işlenilende döredilen ýa-da işlenilýän maglumat binýadyny ýapmak işi **Файл>>Закрыть>>Enter** burugy bilen amal edilýär, ol hökman amal edilmeli iş bolup durmaýar, ýöne ýerine ýetirilýän iş şeýle tamamlansa ýerliklidir. Bu ýagdaýda **Access** deslapky ýagdaýa gaýdyp gelýär.

**Access**-i ýapyp çykmagyň buýrugy **Файл>>Выход>>Enter** bolup durýar, ol buýruk amal edilse **MS Access** doly ýapylýar, iş **MS WINDOWS**-a dolanýar.

Mazmuna geçmek

## *12.3.Faýl(Файл) menýuynda döredilen maglumat binýadynyň faýlyny ýatda saklamak*

Döredilen maglumat binýadynyň ýa-da açylyp mazmuny üýtgedilen faýlyny ýatda saklamak üçin Файл>> 

>>Enter basmaly. Şu iki sanawyň ýokarkysy 

adatça açylan maglumat binýadynyň faýlyny şol açylan papkada ýatda saklar. Ikinjisi 

bolsa ol faýly başga at bilen ýa-da şol bir at bilen aşga papkada ýatda saklamak üçin niýetlenilendir, mysal üçin onuň iş penjiresi şeýledir




Bu penjirede ýatda saklamaly maglumat binýadynyň obýektlerini nähili görüşde ýatda saklamalysyny **Как** ýazgynyň aşaky etegindäki zolagyň sagyndaky -belgini basmak bilen çykan sanawdan berip **OK** basmaly.

Adatça maglumatlar bilen iş salyşanylanda, maglumat binýady bilen işlenilende onuň ikinji we ondan hem nusgasy bolmagy zerurdyr.

Mazmuna geçmek

## *12.4.Faýl(Файл) menýuynda maglumat binýadynyň faýlyna daşardan maglumatlar äkelmek, ony başga maglumat bina ibermek*

Işlenýän maglumat binýadyna daşardan maglumatlary äkelmek üçin **Файл**>> 

>>cykan gapdal sanawdan 

ýazgyny saýlap **Enter** basmaly, şonda daşardan gözleläp äkelmeli maglumatlar penjiresi açylar




Bu penjiräniň **Папка** ýazgysynyň sagyndan äkelinjek maglumat binýadynyň faýlynyň ýerleşen papkasyny tapmaly, ondaky faýlyň adyny tapmaly, belgilemeli hem-de **Импорт** düwmäni basyp işi dowam etdirmeli.

Eger **Файл**>> 

>> 

>> **Enter** bassaň edil ýokarky ýaly penjire açylar hem-de işlenýän obýekti daşarky haýsy tablisa bilen baglanyşdyrylmasyny görkezmegi talap

eder. Baglanyşdyrylmaly tablisany açylan penjirede görkezip-belgiläp **Связь** düwmäni basyp işi dowam etdirmeli.

Işleýän maglumat binýadyny başga bir maglumat binýadyna ibermek üçin **Файл**> > Экспорт... >> **Enter** basmaly, şonda edil ýokardaky ýaly ony ibermeli maglumat binýadynynyň salgysy bilen özüni görkezmegi talap edýän penjire açylar. Işlenýän obýektiň barmaly maglumat binýadyny özi açylan penjirede belgilenip **Экспорт** düwmäni basmaly. **Сохранить как/Экспорт** buýruk bilen **Access**-iň *tablisalaryny* **MS Excel**-iň iş kitaplary ýa-da **MS Offis**-iň başga programmalaryna, ýazgy resminamasy hökmünde geçirip ýatda saklamagy amal eder.

Access-de döredilen maglumat binýadynyň obýektlerini Internetiň HTML formatynda ýatda saklansa(**Сохранить**) onda *çap etmegiň ussady* ony **giperýazgy** resminamasyna öwürer.

Access-de döredilen maglumat binýadynyň obýektini başga ýere ibermek Файл>> Отправить ▸ Сообщение (как вложение)... >>Enter basyp çykan şu penjirede amal edilýär




Bu penjirede işlenýän maglumat binýadynyň obýektini başga ýere iberiljek bolsa onuň formaty Выбор формата: -ýazylan ýazgynyň aşaky etegindäki sanawdan birini saýlamaly we **OK** basmaly:

HTML (*.htm; *.html) -saýlansa iberiljek obýekt **HTML** formatda bolup, ol **Internet** we kompýuter tory bilen baglanyşyklydyr;

Microsoft Excel 5-7 (*.xls) -saýlanylsa iberiljek obýekt **Microsoft Exceliň 5-7** görnüşlerinde ***.xls** formatda bolar, ol obýekti ol görnüşlerde işläp bolar;

Text Files (*.txt) -saýlanylsa iberiljek obýekt tutuşlygyna tekst-ýazgy görnüşinde bolup, ony **MS Word**, **MS Wordpad**, **Bloknot** redaktorlarda işläp bolar;

Microsoft Excel 97-2003 (*.xls) -saýlanylsa iberiljek obýekt häzirki zaman **MS Offise**-däki **Microsoft Excel 97-2003** programmanyň formatynda bolar, şeýle edilse ol obýekti gönüden-göni onda işläp taýýarlap bolar;

Microsoft Excel (*.xls) -saýlanylsa iberiljek obýekt umumy **Microsoft Exceliň** formaty görnüşinde bolar;

Rich Text Format (*.rtf) -saýlanylsa iberiljek obýekt **RTF** formatda bolup, ol obýektdäki maglumatlaryň suraty görnüşde bolar.

Mazmuna geçmek

## *12.5.Faýl(Файл) menýuynda döredilen maglumat binýadynyň faýlynyň obýektlerini çapa taýýarlamak we çap etmek*

MS Access-de maglumat binýadynyň faýlynyň obýektleri üçin ölçegler bermek işi **Файл>>Параметры страницы...>>Enter** basyp çykan aşakdaky penjirede berilýär




Bu penjiräniň iki **Поля** we **Страница** gatlary bardyr, olarda degişli çäklendirmeler we görnüşler berilýär.

**Поля** gatda çap ediljek standart kagyzyň dört gyrasynyň daşky çäkleri **Поля(mm)** topar zolaklarda berilýär ýokardan - верхнее: 25,4 , aşakdan- нижнее: 25,4, çepden- левое: 25,4 , sagdan- правое: 25,4 sahypa çäkleri san görnüşinde berilýär, käbir Access programmalarda başgaçarak bolmagy hem mümkindir. Bu gatyň Печатать заголовки -çap edilende sözbaşy ýazylmaly bolsa, onuň öňünde ☑-bellik goýmaly.

**Страница** gatyň görnüşi şeýledir




Bu gatyň Ориентация –böleginde çap edilmeli we ekrandaky işde obýekt kagyzyň dikligine bolmaly bolsa книжная -ýazgy şeýle belgilenmeli. Eger çap edilmeli we ekrandaky işde obýekt kagyzyň keseligine bolmaly bolsa альбомная -ýazgy şeýle belgilenmeli.

Kagyzyň ölçegi penjiräniň Бумага -böleginde berilmelidir. Kagyzyň ölçegini bermek размер: -ýazgynyň sagyndaky zolakda kagyzyň standartyna görä, ol zolagyň sagyndaky ⌄-belgini basanyňda çykan aşagyndaky sanawdan biri saýlanylmalydyr



Printere kagyzyň berilişiniň usuly şu setirde berilmeli: подача: По умолчанию.

Maglumat binýadynyň obýektini çap etmegiň printerini penjiräniň Принтер для объекта yaz-talyplar ... -şu böleginde berilmeli; eger işleýän kompýuteriň özünde printer bar bolsa текущий принтер -şeýle bellik bolmaly; başga kompýuter toryndaky printer bolsa belligi şu другой принтер -ýerde goýmaly. Printeriň häsiýetlerini penjiredäki Принтер... -düwmäni basanyňda çykan täze penjirede bermeli.

Access-de döredilen maglumat binüadynyň obýektlerini çap edilmezden öň her-hili möçberde görmek işi **Файл**>> Предварительный просмотр >>**Enter** basyp amal edip bolar, biziň mysalymyzda ol şeýle görüner




Bu ýerde maglumat binýadynyň obýektini her-hili ýagdaýlarda we möçberlerde görüp bolar, olary onuň ýokarky penjirniň gurallar panelinden berip bolar. Mysal üçin möçber 100% -şu ýerdäki zolagyň sagyndaky -peýkamy basyp çykan sanawdan birini saýlap berip bolar. Edilmeli işler göwnüňe jaý bolsa, olar amal edilip bu penjire Закрыть -düwme basylyp ýapylmaly.

Access-de döredilen ýa-da açylan maglumat binýadynyň obýektleri çapa **Файл**>> Печать... Ctrl+P >>**Enter** basyp çykaryp bolar. Çap işi üçin açylan aşakdaky penjirede zerur parametrler berilmelidir



Bu penjiräniň Принтер -böleginde имя: ýazgynyň sagynda printeriň görnüşini -belgini basyp çykan sanawdan birini goýmaly hem-de Свойства -dümäni basyp çykan şu gatlara degişli parametrleri bermeli, ol iş edil **Файл**>>**Параметры страницы...**>>**Enter** basanyňda çykan işler ýalydyr ýa-da olaryň gaýtalanmasydyr.

Mazmuna geçmek

## 12.6.Faýl(Файл) menýuynda açylan maglumat binýady faýlyň häsiýetini görmek

MS Access-de açylyp işlenilýän faýlyň häsiýetlerini bilmeklik zerur iş bolup durýar. Onuň üçin **Файл**>> Свойства базы данных >>**Enter** bassaň şeýle köp gatly penjire açylar




Bu penjire Свойства базы данных gatyň Документ -resminama penjiresidir, onda açylan maglumat binýadynyň ady-Название: db4 , işlenýän kompýuteriň we edaranyň ady barada maglumatlar görkeziler.

Penjiräniň Общие -gatynyň görnüşi aşakdaky ýalydyr




Bu Общие gatda işlenýän maglumat binýadynyň faýlynyň doly ady-“**db4**”, onuň görnüşi-**Тип**:, ýerleşýän papkasynyň doly salgysy-**Папка**:, möçberi- **Размер**: barada doly maglumatlar berilýär.

Penjiräniň ortasynda bolsa açylan faýlyň MS-DOS-daky ady- Имя MS-DOS: db4.mdb , faýlyň döredilen senesi we wagty - Создан: 10 марта 2006 г. 8:33:51 , faýlyň soňky üýtgedilen senesi we wagty- Изменен: 17 марта 2006 г. 10:04:53 , faýlyň soňky açylan senesi we wagty- Открыт: 17 марта 2006 г. 14:37:26 görkezilýär.

Penjiräniň aşaky bölegindäki Атрибуты: gatynda açylan maglumat binýadynyň faýlyna berlen häsiýetler görkezilýär: **Только для чтения**-ýazgynyň öňünde bellik goýulan bolsa ol faýly diňe okap bolar oňa üýtgeşmeler girizip bolmaz; **Скрытый**-ýazylan ýerde bellik goýulan bolsa faýl gizlenendir, onyň adyny adaty ýagdaýda görüp bolmaz diňe **Панель управления** baryp buýruk berip, onuň adyny görüp bolar, **Архивный**-ýazgynyň öňünde bellik goýulan bolsa ol arhiw topara degişlidir, **Системный** –ýazgynyň öňünde bellik goýulan bolsa faýl programma üpjünçilige degişlidir.

Penjiräniň Статистика -gatynyň görnüşi aşakdaky ýalydyr




Bu gatdaky maglumatlary edil öňki Общие -gatdaky ýalydyr.

Penjiräniň Состав -gatynda maglumat binýadynyň faýlynyň düzümi baradaky maglumatlar aşakdaky penjirede görkezilýär




Bu penjireden görnüşi ýaly "**db4**" maglumat binýadynyň faýlynda bir sany tablisa, iki sany sorama, iki sany forma, iki sany hasabat döredilipdir, faýlda maglumatlara girmek sahypasy, makroslar we modullar döredilmändir.

Penjiräniň Прочие -gaty maglumat binýadynyň faýly barada käbir maglumatlary berip bolýan şu pejiredir




[Mazmuna geçmek]

## *12.7.Düzediş(Правка) menýuynda amal edilýän işleriň tehnologiýasy*

MS Access-iň baş menýuyndaky Правка -ýazylan düwmäni açsak, maglumat binýadynyň obektleri bilen işlenilende düzediş işlerini amal etmek üçin gerek bolan şu buýruklaryň sanawy çykar




Düzediş(Правка) menýuyň buýruklary

Baş menýuyň Düzediş-Правка düwmesini basanymyzda çykan ýokarky sanawdaky buýruklar aşakdaky ýumuşlary amal edýär:

Отменить ввод Ctrl+Z -buýrugy basanymyzda ýa-da işlenilýärkä klawiaturadan **Ctrl+Z** düwmeleri utgaşdyryp basanymyzda, ýa-da gurallardaky - belgini basanymyzda soňky edilen işler maglumat binýadynyň obýektine girizilmez. Kä halatlarda obýekte girizilen maglumatlary gaýtaryp bolmaýan ýagdaýy hem bardyr, ol ýagdaýda sanawda Отмена невозможна Ctrl+Z -diýen ýazgy çykar.

Вырезать Ctrl+X -buýrugy ýa-da klawiaturadaky **Ctrl+X** düwmeleri utgaşdyryp, ýa-da gurallardaky -belgini basanymyzda maglumat binýadyndaky faýly, onuň obýektlerini, obýektlerdäki ýazgylary, meýdanlary, rekwizitleriň bahalaryny kesip aýyrýar. Şol bir wagtda

kesilip alynan obýekt, alyş-çalyş ýere geçer hem-de başga ýere goýulyp biliner, ýogsamam aýrylyp gider.

Копировать Ctrl+C-buýrugy ýa-da klawiaturadaky **Ctrl+C** düwmeleri utgaşdyryp, ýa-da gurallardaky -belgini basanymyzda maglumat binýadyndaky faýly, onuň obýektleriniň, obýektlerdäki ýazgylaryň, meýdanlaryň, rekwizitleriň bahalaryny nusgalaýar. Nusgalanan obýektleri cursory elten ýeriňe  ýa-da **Ctrl+V** basyp, ýa-da şu menýuyň sanawyndaky Вставить Ctrl+V setiri basyp ol ýere goýup bolar.

Специальная вставка...-setiri basanymyzda(*ony işlemegi üçin käbir maglumat öňi bilen nusgalanmaly* ) kursoryň duran ýerine alyş-çalyş ýerdäki maglumatlary goýmak üçin şu penjire açylar




Bu ýerde goýuljak obýektiň çeşmesini programmanyň özi görkezer- Источник: Неизвестный источник; ýöne goýmaly bolsa Вставить-şu ýerde şeýle bellik bolmaly; eger goýulmaly maglumat ol goýuljak ýer bilen baglaşdyrylmaly bolsa Связать-ýerde bellik bolmaly. Penjiredäki Как:-ýazgynyň aşaky etegindäki äpişgede goýuljak obýektiň formaty ýazylar, ýagny, ýazgymy, sanmy we ş.m.

Eger maglumat binýadyň obýekitine goýuljak **OLE** obýektiň meýdanynda ýerine ýetirilmeli bolsa Специальная вставка... ýazgynyň penjiresinde **Связать** bellik işjeň ýagdaýda bolmaly, onda goýulýan obýekt Word resminama görnüşinde bolar. Bu ýagdaýda resminama Word-da ýazylýar hem-de ol Access bilen bile ugurdaş işlenilýär. Iki programmanyň arabaglanyşygy **OLE** protokolyň peýdalanylmagy bilen ýola goýulýar. Bu arabaglanyşyga işlenilende gözegçilik **Правка** menýudaky Связи OLE/DDE-setir buýrugy bilen amal edilýär.

Буфер обмена Office...-setiri basanymyzda maglumat binýadynyň obýektleri bilen işlenilende alyş-çalyş ýerdäki nusgalanan obýektleriň sanawy aşakdaky penjirede çykar:




Bu ýerdäki penjiräniň ýokarysynda san bilen alyş-çalyş ýerdäki goýulyp boljak obýektleriň sany görkezilendir, aşakda bolsa Выберите вставляемый объект: ýazgynyň aşaky etegindäki

äpişgede goýuljak obýekti saýlamaly we goýmaly. Eger olaryň biri ýa-da birnäçesi ol ýerden aýrylmaly bolsa, olary belgiläp ✕ Удалить -şu belgini basmaly.

Bu penjiräniň Параметры ▾ ýazgynyň sagyndaky ▾-belgijigi basanyňda, onuň aşaky eteginde aşakdaky ýaly sanaw çykar, onda alyş-çalyş ýerdäki oýektler üçin parametrler berilmegini sorar




Вставить как гиперссылку -setir işjeň bolanda goýulmaly obýekt gipersalgylanma görnüşinde bolar;
Добавить из буфера -setir alyş-çalyş ýere geçirilen nusga kursoryň duran ýerine goýular;
Удалить Del -setiri ýa-da klawiaturadaky Delete( Del ) basanymyzda obýektdäki belgilenen ýerdäki maglumatlar aýrylar;
✕ Удалить запись -setir ýa-da ✕-belgi basylanda kursor duran setirdäki ähli ýazgylar aýrylar, ondan soň ony dikeldip bolmaz;
Удалить столбец -setir basylanda kursor duran sütündäki maglumatlaryň barysy ýok ediler, ondan soň ony dikeldip bolmaz;
Выделить запись -setir basylanda kursor duran setir belgilener-garaldylar, ilkinji sapar bolsa kä halatlarda ol setirmegi aýyrmagy hem soramagy mümkindir;
Выделить все записи Ctrl+A -setir basylanda ýa-da klawiaturadan Ctrl+A düwmeler utgaşdyrylyp basylanda kursor duran maglumat binýadyň obýekti tutuşlygyna belgilener-garaldylar;
Найти... Ctrl+F -setir ýa-da ekrandaky -belgi, ýa-da klawiaturadan Ctrl+F düwmeler utgaşdyrylyp basylanda maglumat binýadynyň obýektlerinden belli bir rekwizitleriň bahalaryny tapmak buýrugy ýerine ýetmelidir. Ol buýruk basylanda ekrana şu gözleg penjiresi çykar




Bu penjiräniň gözleg- Поиск gatyndaky Образец: -ýazgynyň sagyndaky meýdana gözlenýän bahany ýazmaly, ondan soň Поиск в: -ýazgynyň sagyndaky meýdanda ▾-belgini basyp çykan sanawdan gözlemeli ýeri tutuş obýekti ýa-da sütüni, ýa-da setiri saýlap almaly. Aşakdaky Совпадение: -ýazgynyň sagyndaky ▾-belgini basyp gözlenýän baha gabat geläýeninde gözlegi amal etmeli ýerleri görkezmeli




Bu ýerde С любой частью поля -setir basylsa gözleg meýdanyň islendik ýerinden gözlenilmeli; Поля целиком -setir basylsa tutuş meýdan-obýektden gözlenilmeli; С начала поля -setir basylsa gözleg obýektiň başyndan başlap amal ediler.

Gözlegiň penjiresiniň Просмотр: ýazgysynyň sagyndaky -belgini basanymyzda gözlegi amal etmegiň ugruny görkezmegiň şu sanawy çykar: Eger Все saýlansa gözleg obýektiň ähli ýerinde bolar, Вверх-bolanda gözleg kursor duran ýerden ýokarda amal bolar, Вниз -bolanda gözleg kursor duran ýerden aşakda bolar.
Gözleg we çalyşmak penjiräniň Замена -gatynyň görnüşi aşakdaky ýalydyr




Bu penjire **Правка** menýuyň sanawyndaky Заменить... Ctrl+H -setiri ýa-da klawiaturadaky Ctrl+H düwmeleri utgaşdyryp basanymyzda hem ekrana geler. Bu gatyň Поиск gatdan tapawudy Заменить на: meýdanyň goşulmagydyr, ol setiriň sagyndaky zolakda gözlenip tapylan rekwizitiň bahasyny çalyşmaly baha bermeli; Eger çalyşmaly baha öň berlen bolsa, ol baha sagdaky -belgini basanymyzda, olaryň sanawynda çykar, ondan saýlaýmaly.
Iki gatda hem görkezilen baha bermeler tapylmasa işi penjiräniň sagyndaky Найти далее düwmäni basyp dowam etdirmeli; Eger tapylan we çalyşmaly baha kanagatlandyrsa penjiredäki Заменить düwmäni basmaly, şonda bir meýdanyň bahasy çalyşylar. Eger çalyşylmaly şol bir baha köp bolsa Заменить все düwme basylmaly.
Перейти setiri **Правка** menýuyň goşmaça sanawly buýrugydyr, onuň sagyndaky peýkam basylanda maglumat binýadynyň obýektinde kursoryň indiki durmaly ýerini kesgitlär:

eger basanymyzda çykan sanawdan Первая запись setiri ýa-da ekrandaky -belgini bassak, kursor obýektiň birinji ýazgysynda durar;

Последняя запись-setiri ýa-da ekrandaky belgini bassak, kursor obýektdäki iň soňky ýazgyda durar;

Следующая запись-setiri ýa-da ekrandaky belgini bassak, kursor duran ýäzgysyndan indiki ýazga geçer;

Предыдущая запись-setiri ýa-da ekrandaky belgini basanymyzda kursor duran ýazgysyndan öňdäki ýazga geçer;

Новая запись Ctrl++-setri ýa-da ekrandaky belgini, ýa-da klawiaturadaky Ctrl++ düwmeleri utgaşdyryp basanymyzda obýektiň islendik ýerinde duran kursor täze ýazgy ýazmak setiriniň başyna geçer.

Mazmuna geçmek

## *12.8.Görnüş(Вид) menýuynda amal edilýän işleriň tehnologiýasy*

MS Access-iň **Вид** menýuynyň umumy görnüşi şu iş penjiresine degişli




Buýruklarynyň sanawy aşakdaky ýalydyr




Bu menýudaky sanawlar maglumat binýadynyň obýektiniň atlandyrylyşynyň saýlanylyşy, olara belgijikler bermek. Berlen belgijikleri iş penjirede ýerleşdirmegiň we tertipleşdirmegiň tertibi berilýär.

**Свойства** buýruk maglumat binýadynyň islendik obýektiniň häsiýetiniň penjiresine girmäge mümkinçilik berýär.

**Программа** buýruk işlenýän forma ýa-da hasabata degişli programma bölegine girmäge müminçilik berýär.

**Панели инструментов** we **Настройка** buýrugн işlenýän wagty gerek paneliňi aýryp ýa-da goýmaga mümkinçilik berýär, ony maglumat binýadynyýekti bilen işlenilende jikme-jik seredip geçeris.

MS Access-de maglumat binýadynyň obýektleri bilen işlenilende baş menýuyndaky Вид düwmäni basanymyzda, onuň aşakdaky ýaly buýruklarynyň sanawy çykar




**Вид** menýuyň şu buýruklary maglumat binýadynyň obýektlerini döretmek üçin örän möhümdir:

Конструктор setiri ýa-da ekrandaky belgini basanymyzda maglumat binýadynyň obýektleriniň rekwizit düzümini döretmek ýa-da döredilen obýektiň rekwizit düzümine, onuň alyp biljek bahalaryna düzediş girizmek üçin niýetlenilendir. Ony bassaň Конструктор pebjiresi açylar;

Режим таблицы setiri ýa-da ekrandaky belgini basanymyzda maglumat binýadynyň obýektini döretmek işi tablisa düzgüninde bolar;

Сводная таблица setiri ýa-da ekrandaky belgini basanymyzda öň seredip geçen jemleýji tablisa düzgünine geçer, ekranyň sagynda döredilen maglumat binýadynyň obýektleri we olaryň her haýsynyň rekwzit düzümi çykar, ondan olary süýremek bilen jemleýji tablisanyň degişli ýerine geçirip bolar;

Сводная диаграмма setri basanymyzda ýa-da ekrandaky belgini basanymyzda kursor-iş dowam etdirmek öň seredip geçen jemleýji diagrammany gurmak düzgünine geçer;

Зависимости объектов... setiri basanymyzda maglumat binýadynyň obýektinde kursoryň duran ýerindäki rekwizitiň bahasyny başga kompýuterde bar bolan maglumat binýadyň obýektleri bilen baglanyşdyrmak üçin şu penjire ekrana geler




Eger kursoryň duran ýerindäki rekwizitiň bahasy şu penjiredäki obýektleriň biri bilen baglanyşdyrmaly bolsa, ýagny penjiredäki obýekt kursoryň duran maglumatyna bagly bolsa Объекты, зависящие от данного -setir şeýle bolmaly. Eger kursoryň duran maglumat ol obýekte bagly bolsa penjirede degişli setir Объекты, от которых зависит данный şeýle belgilenmeli;

Область задач Ctrl+F1-buýruk setiri ýa-da klawiaturadan Ctrl+F düwmeleri utgaşdyryp basanymyzda hem edil ýokarky Зависимости объектов... buýrugy basanymyzdaky ýaly penjire çykar, onda goşmaça **Справка Access** -işlenilýän iş üçin anyklama gaty hem bolar şeýle hem beýleki işlenilýän gatlara - şu peýkamlaryň birini basyp geçip bolar.

Панели инструментов -buýruk setiri Правка menýudaky esasylaryň biridir, ondan maglumat binýady bilen işlenilýän gurallar panelini iş ekrana goýup bolar, onuň sagyndaky ▸ peýkamy basanymyzda goşmaça sanaw çykar, ondan:

✓ Веб-узел -setiri basanymyzda ekranda Web birleşme bilen işlenilýän şu gurallaryň topary 

bolar;

Область задач -setiri basanymyzda edil Правка menýudaky Область задач Ctrl+F1 buýrugy basanymyzdaky penjire çykar;

✓ Формат (режим таблицы) -setirde ✓şeýle bellik etsek, onda tablisa düzgüninde işlenilende ýazylan ýa-da ýazylmaly rekwizitleriň bahasyna çäkler bermek üçin şu gurallar toplumy ekrana geler




Sagda tablisanyň sütüniniň umumy ady, Arial 10 bolsa onuň bahalarynyň belgilerine ýazuw şekiliň görnüşi we ondan sagdaky san belginiň dikligine-möçberine berlen çagidir. Galan belgilemeleriň işi edil MS Word-daky ýalydyr. Bu gurallar bilen maglumat binýadynyň obýektiniň düzümi ilkibaşda döredilende hem-de döredilenden soň hem çäkler berip bolar

Настройка... -setiri basanymyzda tutuş MS Access-de ulanylyp boljak gurallar paneliniň toplumy bolan penjire açylar




Ýokarky penjiräniň Панели инструментов: gatyndaky ýokardan aşak görkezilen sanawyň öňündäki inedördüllerde ☑-şeýle bellik goýsaň olaryň her biriniň toplumy MS Access-iň iş ekranyna geler




Eger bar bolan gurallardan täze gurallar toplumy gerek bolsa onda bu penjiredäki Создать... dümäni basmaly, şonda ol gurallar paneline at bermegi sorap ekrana şu penjire çykar




Täze gurallar paneline at berip OK bassak, onuň ady gurallar paneliniň sanawynyň iň aşaky etegine şol berlen at bilen geler hem-de onuň gurallary ýerleşdirilmeli paneli aýratynlykda ekranda bolar, mysal üçin yaz 2006 we onuň gurallarynyň topary ya ▾ × -şeýle görnüşe eýe bolar.

Настройка...-penjiräniň indiki gaty Команды penjiresidir, onuň umumy görnüşi aşakda getirilendir



Penjiräniň çepindäki Категории: bölegınde gurallar panelleriniň toplumlarynyň atlary, sagyndaky Команды: böleginde bolsa şol her bir topluma girýän buýruk gurallaryň belgijikli sanawlary getirilendir. Команды: bölekdäki buýruklary gurallar paneline goşmak üçin ony Категории: bölege degişlisini tapyp syçanyň peýkamyny ol buýruk setirine eltip tutup süýräp gurallar paneline eltip goýaýmaly.

Настройка... -penjiräniň indiki gaty Параметры penjiresidir, onuň umumy görnüşi aşakda getirilendir




Bu pebjiräniň Настраиваемые меню и панели инструментов böleginde Access-de işlenilende bolmaly menýu we gurallar paneli barada bellik edilmegini sorar: eger ☑ Стандартная панель и панель форматирования в две строки setirde ☑-şeýle bellik edilse, ol adaty ýagdaý bolup Access-iň iş ekranynyň ýokarysynda standart paneli we formatirleýän panel ýokarky iki setirde bolar;

eger ☑ Всегда показывать полные меню setirde ☑-şeýle bellik goýulsa iş ekranda menýu doly görkeziler, ol hökman hem däldir, gerek wagty ony tapyp bolar;

eger ☑ Показывать полные меню после короткой задержки setirde ☑-şeýle bellik goýulsa aram-aram menýu doly görkezilýär;

eger Сброс düwmäni bassaňyz goşmaça goýan gurallar panelleriňiz aýrylar, diňe iň gereklileri galar;

Penjiräniň Другие böleginde menýu we gurallar panellerine degişli parametrler beriler:

☑ Крупные значки-setirde ☑-şeýle belgi goýulsa Access-iň gurallarynyň möçberi adatdakysyndan has uly görüner;

☑ Отображать названия шрифтов тем же шрифтом-setirde ☑-şeýle belgi goýulsa Access-iň menýunyň atlary şol bir şriftde şekillendiriler;

☑ Отображать подсказки для кнопок-setirde ☑-şeýle bellik goýulsa Access-iň iş ekranyndaky gurallaryň üstüne syçanyň peýkamyny eltenimizde, onuň aşaky etegine onuň ady çykar, ýogsam çykmaz;

☑ Включить в подсказки сочетания клавиш-setirde ☑-şeýle bellik goýulsa Access-iň iş ekranyndaky gurallaryň üstüne baranymyzda ony klawiaturadaky degişli düwmeler bilen baranymyzda hem boljakdygy barada maglumat çykar;

Penjiräniň Эффект при выводе меню: ýazgy böleginde menýu çykarylanda onuň görnüşiniň parametrleri, onuň sagyndaky zolagyň -belgisini basanyňda çykan sanawdan berilýär berilýär:

(По умолчанию) -saýlanylsa, ol adaty ýagdaýdyr;

Случайный выбор -saýlanylsa menýu tötänden saýlanylyp biliner;

Развертывание -saýlanylsa menýu başlanyp dowam edýän görnüşde bolar;

Соскальзывание-saýlanylsa menýu böküp çykýan görnüşde bolar;

Угасание -saýlanylsa menýu öçügsiräk bolar.

**Вид** menýuyň Масштаб we Число страниц setirleri Access-de düzülýän maglumat binýadynyň hasabaty bilen baglanyşyklydyr:

Масштаб -basanymyzda, onuň sagyndan çykan sanawda berilmeli ölçegleriň möçberi 10%-den tä Максимум 1000% -göterime çenli saýlanylyp biliner;

Число страниц setiri basanymyzda, onuň sagynda çykan sanawdan bolmaly sahypalaryň sanawynyň mukdaryny saýlanylar, Одна страница-bir sahypadan 2, 4, 8 we Двенадцать страниц - 12 sahypa bolup biler.

Mazmuna geçmek

## 12.9.Goýmak(Вставка) menýuynda amal edilýän işleriň tehnologiýasy

**Вставка** menýuyň buýruklarynyň topary **Access**-de ýerine ýetirilýän ýumuşlara baglylykda köpgörnüşlidir, olaryň esaslary aşakdakylardyr




Bu ýerdäki belgilemelerde getirilen menýu sanawlarynyň niýetlenilişi şeýlerákdir:

**a**-maglumat binýadynyň umumy penjiresinde **Вставка** menýuda çykýan buýruklary;
**b**-tablisa seretmek iş düzgüninde **Вставка** menýuda çykýan buýruklary;
**c**-tablisany konstruktor iş düzgüninde döretmekde **Вставка** menýuda çykýan buýruklary;
**g**-sorama ýa-da forma seretmek iş düzgüninde **Вставка** menýuda çykýan buýruklary;
**d**-soramany konstruktor iş düzgüninde döretmekde **Вставка** menýuda çykýan buýruklary;
**e**-formalary konstruktor iş düzgüninde döretmekdäki **Вставка** menýuda çykýan buýruklary;
**j**-hasabatlary konstruktor iş düzgüninde döretmekdäki **Вставка** menýuda çykýan buýruklary;
**i**-makroslary konstruktor iş düzgüninde döredilendäki **Вставка** menýuda çykýan buýruk;

**Вставка** menýuda çykýan buýruklaryň şeýle topary maglumat binýadynyň obýektleriniň her hili görnüşleri döredilende örän zerur hem-de bir belgili işleri guraýar. Olaryň hemmesini bir ýere toplamak örän müşgil we çylşyrymly iş bolup biler.

Mazmuna geçmek

## 12.10.Hyzmat(Сервuс) menýuynda amal edilýän işleriň tehnologiýasy

Сервис menýu bilen baglanyşykly umumy buýruklaryň sanawy aşakda getirilendir




Bu sanawdaky buýruklaryň niýetlenilişi setiri basyp açan penjiräňe ýa-da onuň sagyndan çykan gapdal menýuyň buýruklaryna baglydyr.

Mazmuna geçmek

## 12.10.1.Hyzmat(Сервuс) menýuynda dürs ýazmak işleriň tehnologiýasy



-buýrugy ýa-da F7 düwme maglumat binýadynyň obýektlerindäki rekwizitlerde dürs ýazuwy amal edýär, ol buýrugyň iş penjiresi aşakdaky ýalydyr




Bu penjire maglumat binýadynda ýazylan ýazgylary barlaýar, onuň üçin kompýuteriň MS Office kompýuter programmasynda işlenýän diliň sözlügi girizilen bolmaly, diliň adyny penjiräniň Язык словаря: -ýazylan böleginiň sagyndaky -belgini basanyňda çykan sanawdan tapyp bolar. Türkmen diliniň sözlügi MS Office-iň **CUSTOM.DIC** faýlyna entek girizilen däldir. Türkmen diliniň sözleriniň dürs ýazylyşynyň standartlaşdyrylanlary bu penjiräniň Добавить -düwmesini basyp hem girizmek mümkindir, ol iş dowamly hem bolsa türkmen dilinde öz kompýuteriňizde dürs ýazmagyň bir usulydyr;

Mazmuna geçmek

## 12.10.2.Hyzmat(Сервис) menýuynda Access-iň obýektlerini MS Word we MS Excel bilen baglaşdyrmagyň tehnologiýasy

Связи с Office -menýuyň şu setirindäki buýrugy basanymyzda goşmaça gapdal menýuyň sanawy çykar




Bu sanawda çykan buýruklarda döreden maglumat binýadyň obýektlerini MS Office programmalar toplumyna geçirip işlemegi amala aşyrýar:

Слияние в Microsoft Office Word -buýrugynda binýadyň obýekti MS Word ýazgy redaktoryna düzedişler girizilmek üçin goşulýar, bu ýagdaý üçin adatça işlenilýän kompýuterde MS Word-yň iş ekrany açyk bolmasa gowy;

Публикация в Microsoft Office Word -buýrugynda binýadyň obýekti MS Word-yň formatynda görkezilýär we çap edilip biliner;

Анализ в Microsoft Office Excel -buýrugynda binýadyň obýekti tutuşlygyna MS Excel tablisa redaktoryna geçirilýär we oňa degişli derňewler berilip biliner.

Совместная работа -setir buýrugyny basanymyzda maglumat binýadynyň obýekti kompýuter toryndaky başga kompýuterler bilen ulanylar. Kompýuter torynda beýleki ulanyjylar bilen bilelikde işlemek üçin berilmeli parametrler şu penjirede berilýär




Bu penjiräniň Личные сведения -böleginde maglumat binýadynyň obýekti bilen torda bilelikde işlejek işgäriň ady, familiýasy, elektron salgysy we ýerleşen ýeriniň maglumatlary beriler, Каталог -böleginde onuň tordaky serweriniň ady girizilmelidir.

Mazmuna geçmek

## 12.10.3.Hyzmat(Сервис) menýuynda maglumatlara shema we derňew bermegiň tehnologiýasy

Схема данных... - **Сервис** menýuda şu buýrugy basanyňda, şol işleýän maglumat binýadyňdaky bar bolan tablisalaryň we soramalaryň sanawlary ýazylan gatlar çykar




Sanawdan birini saýlap Добавить basmaly, ýene gerek bolsa saýlap şeýle goýmaly, soňra Закрыть basyp penjiräni ýapmaly, şonda maglumatlaryň shemasy görkezilen şu penjire ekranda bolar




Анализ -Сервис-menýuda bu buýrugy basanymyzda, onuň sagyndan çykan gapdal menýuynda derňew bermäge degişli buýeruklaryň sanawy çykar



Bu sanawdaky buýruklar wezipesi şulardyr

Таблица -buýrugu basanymyzda döredilen tablisa derňew bermäge, goýberilen ýalňyşlyklary düzetmäge degişli şu penjire açylar




Bu penjirede, degişli soramalara jogap berip Далее > basyp işleri dowam etmeli hem-de **Готово** basyp işi tamamlamaly.

Быстродействие- buýrugy basanymyzda maglumat binýadynyň işiniň tizligini optimallaşdyrmak üçin zerurdyr, ony açanymyzda şeýle köp gatly penjire çykar, ondan optimallaşdyryljak maglumat binýadynyň obýektiniň degişli görnüşine laýyk gaty saýlamaly; ol gatlaryň atlandyrylyşy penjiräniň ýokarysynda getirilendir




Ondan soň optimalaşdyrylýan maglumat binýadynyň obýektindäki ady saýlamaly, sanawdaky ähli obýektler saýlanylmaly bolsa penjiredäki **Выделить все** düwmäni basmaly. Tizligi derňeýiji iş öndürijiligi optimallaşdyrmak üçin üç görnüşli maslahat, teklip we ugrukdyrma berip biler.

Архивариус - buýrugy basanymyzda hem edil ýokarky ýaly maglumat binýadynyň obýektlerine degişli köp gatly penjire çykar




Bu penjiräniň gatlary maglumat binýadynyň saýlanan obýektlerini ýatda saklamak we çap etmek bilen baglanyşykly ýumuşlary ýerine ýetirýär.

Mazmuna geçmek

## 12.10.5.Hyzmat(Сервис) menýuynda gulluk programmalaryndan peýdalanmagyň tehnologiýasy

**Сервис** menýuyň sanawynyň indiki buýrugy Служебные программы setiri bolup, işlenýän maglumat binýadyny belgiläp ýa-da kursor duran setirindäki obýekti bilen baglanyşykly bolup, ony açanymyzda şeýle gapdal goşmaça sanaw çykar




Bu buýruk sanawyň amal edýän işleri örän möhümdir

Преобразовать базу данных -setir buýrugy basanyňda belgilenen obýekti MS Accessiň haýsy görnüşine öwürmeli ýa-da ýatda saklamalydygy barada teklipler çykar




eger в формат Access 97... -şu buýrugy bassaň işlenýän obýektiň MBDU-yň irki **Access 97** görnüşine öwürmek üçin täze penjire açylar hem-de tutuş maglumat binýadynyň faýlyna täze ýa-da şol bir at bilen, islenýän görnüşde ýatda saklamagy sorar;

в формат Access 2000... -buýrugy saýlasak, ýokarky iş **Access 2000** görnüşe öwrülip ýatda saklanar;

в формат Access 2002 - 2003... -buýrugy saýlasak işlenýän maglumat binýadynyň faýly MBDU-yň Access 2002-2003 görnüşlerinde ýatda saklanar;

Сжать и восстановить базу данных... -buýruk setiri maglumat binýadynyň faýlyny gysmak we dikeltmek işleri üçin niýetlenilendir, ol iş köplenç maglumat binýadynyň faýlyny makrowiruslardan goramak üçin niýetlenilendir. Makrowirus munuň özi kompýuter wiruslary bolup, olar formalar we hasabatlar üçin Visual Basic algoritm dilinde ýazylan programmalarda

ýatda saklanylýar. Makrowiruslardan torda işlenilende goranmak üçin adatça Sanly gol çekmek usulyndan peýdalanmak ýerliklidir. Torda işlenilende makrowiruslardan goranmagyň aşakdaky ýaly derejeleri bardyr:

Örän ýokary(**Очень высокая**)- bu dereje Microsoft Office Access 2003 programmanyň gepleşik penjiresinde berilmän, tutuş tor ulgamda berilip biliner.Howpsuzlygyň şu derejesi berilende Access-däki islendik maglumat binýady ýa-da Access-iň taslamasy adatça açylyp bilinmez;

Ýokary(**Высокая**)-derejede faýllar san goly bilen ygtybarly çeşmelerden, ýagny olar antiwirus programmalardan peýdalanylýan bolsa açylyp biliner;

Ortaça(**Средняя**)-derejede maglumat binýadyň faýllary açylanda makroslar barada duýduryş berýär, ony açmak ýa-da äçmazlyk ulanyja baglydyr;

Pes(**Низкая**)-derejäni saýlanyňda bolsa işlenýän faýllara göwnüň ýetip, howpsuzlyk meselesi doly aradan aýrylýar.

Резервная копия базы данных...-**Сервис** menýu sanawynyň Служебные программы ▸ setirini basanyňda çykan şu gapdal buýrugynda işlenilýän maglumat binýadynyň ätiýaçlyk nusgasyny döretmegi we ýatda saklamagy teklip edýän penjire açylar, ol ýerde zerur maglumatlary berip iýerine ýetirip bolar. Adatça maglumatlar bilen işlenilende işlenýän maglumat binýadynyň faýllaryny Ata-Kaka-Ogul yzygiderlikde nusgalamak we ýatda saklamaklyk zerur gündelik iş bolup durýar;

Диспетчер связанных таблиц **Сервис** menýu sanawynyň Служебные программы ▸ setirini basanyňda çykan şu gapdal buýruk adatça maglumat binýatdaky özara arabaglanyşykly tablisalar barada maglumatlary we parametrleri bermegi amal eder;

Разделение баз данных -**Сервис** menýu sanawynyň Служебные программы ▸ setirini basanyňda çykan şu gapdal buýruk bilen işlenýän maglumat binýadyň faýlyny bölekläp bolar, böleklemäniň şertini we parametrini, ol setiri açanyňda çykan penjirden berip bolar;

Диспетчер кнопочных форм -**Сервис** menýu sanawynyň Служебные программы ▸ setirini basanyňda çykan şu gapdal buýruk bilen maglumat binýadynyň obýektlerinde döredilen düwme formalary, eger olar döredilen bolsa, dolandyrmak üçin parametrler berilýär;

Мастер преобразования в формат SQL Server -**Сервис** menýu sanawynyň Служебные программы ▸ setirini basanyňda çykan şu gapdal buýruk bilen döredilen we işlenýän maglumat binýadynyň faýlyny SQL Server-iň formata öwürýän ussadyň penjiresi açylar




Işlenýän Access-iň faýlynyň formaty adatça .mdb formatdadyr, ol SQL Server-iň formatyna öwrülende .adp formatda bolar. Bu işi ussat üç usul bilen ýerine ýetirip biler:

1.Access-iň maglumat binýadynyň ähli obýektlerini access-iň taslama formatyna geçirer, ol müşderi/serwer görnüşli işleri döretmäge mümkinçilik berer.

2.Diňe maglumatlary ýa-da maglumatlary kesgitleýäni Access-iň maglumat binýadynyň formatyndan SQL Server-iň formatyna öwürer.

3. SQL Server-iň serwer maglumat binýady üçin Access-iň müşderi maglumat binýadyny döretmek.

Создать MDE-файл... - **Сервис** menýu sanawynyň Служебные программы setirini basanyňda çykan şu gapdal buýruk bilen işleri ýagny MDE-faýllary döretmek işi degişli maglumat binýadynyň obýekti üçin Visual Basic-de modullar-programma bölekleri ýazylan bolsa ýerine ýetirip bolar; MDE-faýllar döredilip ýatda saklanylanda maglumat binýadyň obýektleri formalar we hasabatlaryň goragy üpjün edilýär. Bu ýagdaýda maglumatlar bilen rugsatsyz işlemegiň aşakdaky görnüşleri mümkin däldir:
1.Konstruktor iş düzgüninde formalary, hasabatlary ýa-da modullary görmek, üýtgetmek ýa-da döretmek bolmaýar.
2.maglumat binýadynyň ýa-da onuň obýektlerine salgylanmalary üýtgetmek ýa-da aýyrmak hem-de täzelerini goşup bolmaýar.
3. Programmany üýtgedip bolmaýar, sebäbi MDE-faýl adaty programma dilinde däldir.
4.Formalary, hasabatlary ýa-da modullary başga ýere äkidip ýa-da olary başga ýerden getirip bolmaýar. MDE-faýl bolmadyk maglumat bazalarynda şeýle iş adatça bolýandyr.

Mazmuna geçmek

## *12.10.6. Hyzmat(Сервис) menýuy bilen Access-de maglumat binýadynyň goralyşynyň guralyşynyň tehnologiýasy*

**Сервис** menýu sanawynyň Защита setirini basanyňda aşakdaky ýaly gapdal menýu-buýruklaryň sanawy çykar




Bu sanaw tutuşlygyna maglumat binýadynyň goragy bilen baglanyşyklydyr:
Задать пароль базы данных...-setiri basanymyzda döredilen maglumat binýadyny açmak we işlemek üçun gorag-paroly berip bolar. Ony ilkinji sapar ýerine ýetirmek üçin işlenilmeli maglumat binýady bar açylan penjirede Открыть >> Монопольно ýagdaýda açylmaly. Şonda açylan maglumat binýdyň obýektleri bar bolan we ýerine ýetirilmeli düzgünleriň sanawy bar bolan penjire çykar. Olar goramak üçin Задать пароль базы данных...-setiri basanymyzda parol bermek üçin şi äpişgejik çykar



Bu äpişäniň Пароль: ýazylan ýeriniň aşaky etegindäki zolaga goýjak parolyňy klawiaturadan ýazmaly, ondan soň Подтверждение: ýazgynyň aşaky etegindäki zolaga ýokarda ýazan parolyňy klawiaturadan gaýtalamaly hem-de OK basyp işi tamamlamaly.

Access-iň maglumat binýatlaryna .mdb faýllara üç görnüşli parol berip bolar. Berilen parolyň görnüşi, onuň goragynyň, ulanýanlaryň oňa girmek derejesini kesgitleýär.

Eger maglumat binýatlaryna parol goýulan bolsa, ol paroly girizmek ony açýanlaryň her birinden talap edilýär. Maglumat binýadyna parol girizmegi kesgitlemek diýmek, oňa rugsatsyz girmegiň öňüni almagyň ýönekeýje serişdesidir. Maglumat binýadyna girizilenden soň ulanyjylaryň derejesinde goramak kesgitlenmese onuň howpsuzlygy üpjün edilen däldir. Adatça Access maglumat binýadynyň parolyny şifrlanmadyk görnüşinde ýatda saklaýar. Eger ol parol bilen maglumat binýadynyň howpsuzlygy bozulýan bolsa, onda ony goramak üçin parol ulanylmaly däldir. Onuň ornyna ulanyjylar derejesinde gorag kesgitlenmelidir. Seýle edilse maglumat binýatdaky möhüm maglumatlara girmegi dolandyryp bolar.

Администратор рабочих групп...-goragyň bu toparyyndа maglumat binýady işe girizilende iş toparyny kesgitleýän faýl bilen kesgitlenýär; onuň üçin aşakdaky penjirede ony **Создать** düwme bilen döretmeli




Şu penjirede **Создать** düwmäni basanymyzda topara kod berilýän aşakdaky penjire çykar




Bu penjirede Windowsda kompýutere berlen, iş toparynyň atlaryny we kodlamasyny tassyklamagy ýa-da täze ady berip bolar. Iş topary̌ň kody 20 harpa we sana çenli bolup biler.

Разрешения...-**Сервис** menýu sanawynyň Защита setirini basanyňda gapdal menýuyň şu buýrugyny basanyňda işlenýän maglumat binýadynyň obýektlerine girmegiň we olarda işlemegiň rugsatlaryny berip bolýan aşakdaky penjire gatlary açylar




Bu penjiräniň **Разрешения** gatyndaky Пользователи и группы: äpişgede ulanyjylaryň we toparlaryň atlaryny bermeli, Имя объекта: -ýazgynyň aşaky eteginde rugsadyň obýektini görkezmeli; Список:-ýazylan ýeriň sagyndaky setirde degişli belijikler etmeli; Тип объекта: Таблица -ýeriň sagyndaky -belligi basyp, çykan sanawdan rugsadyň obýektini saýlamaly; penjiräniň Разрешения -böleginde saýlanan obýekt bilen ýerine ýetirip bolýan rugsat amallarynyň sanawy getirilen, olaryň gereklisiniň öňünde bellik etmeli; rugsat belgileri girizilenden soň penjiredäki **Применить** düwmäni basmaly, ondan soň OK basyp işi tamamlamaly.

**Сервис** menýu sanawynyň Защита >> Разрешения... penjiresiniň Смена владельца gatynda maglumat binýadynyň obýektlerini ulanýan eýeleri çalyşanda rugsat berilýän maglumatlary girizmek bolar




**Сервис** menýu sanawynyň Защита >> Пользователи и группы... buýrugy açanymyzda maglumat binýadynyň ulanyjylaryna we toparlaryna degişli gorag maglumatlaryny berip bolýan penjire gatlary açylar




Penjiräniň Пользователи gatyndaky Пользователь bölekde ulanyjynyň ady Имя: ýazgynyň sagyndaky zolakda berilmeli, ony zolagyň sagyndaky -belgini basanyňdaky çykan sanawdan hem berip bolar. Ady ýok bolsa şol bölekdäki Создать... düwmäni basyp, çykan şu penjriede ony döredip bolar




Ulanyjy barada degişli maglumat gerek bolmasa şol bölekdäki Удалить-düwmäni basyp aýryp bolar, ulanyja gorag-paroly gerek bolmasa ony Снять пароль-düwmäni basyp aýryp bolar.

**Сервис** menýu sanawynyň Защита >>Пользователи и группы... penjiräniň Группы gatynda ulanyjynyň ady we paroly döredilýär hem-de ady we paroly aýrylýar, onuň görnüşi




**Сервис** menýu sanawynyň Защита >>Пользователи и группы... penjiräniň Изменение пароля -gatynda ulanyja berlen öňki parol görkezilmek bilen täze parol girizilýär hem-de tassyklanýar, onuň penjiresi şeýledir




**Сервис** menýu sanawynyň Защита >> Мастер... buýrugy ussat bilen döredilen maglumat binýady üçin gorag döredýär




Bu penjirede Далее > düwmäni basyp gerekli maglumatlary girizip, iň soňundan Готово-düwmäni basyp işlenýän maglumat binýady üçin gorag-paroly gurap bolar.

**Сервис** menýu sanawynyň Защита >> Закодировать или раскодировать базу данных... buýrugynda işlenýän ýa-da açylan maglumat binýadyny kodlamaly ýa-da kodlanan bolsa koddan aýyrmagy amal edýär, ony açanymyzda şu kodlama penjiresi çykar



Maglumat binýadyň kodlanan ady penjiräniň şu setirinde Имя файла: db5 berilýär we Сохранить-düwmäni basyp ýat-da saklanylýar.

Mazmuna geçmek

## *12.10.7.Hyzmat(Сервис) menýuynda replikasiýa işleriň guralyş tehnologiýasy*

**Сервис** menýu sanawynyň Репликация ▸ setirini basynyňda, onuň gapdal menýu buýruklary şu sanawdyr




**Replikasiýa** munuň özi kompýuter torynda maglumat binýadyny her hili ulanyjylar öz kompýuterlerinde redaktirlemegi üpjün etmek mümkinçiligidir. Eger her bir maglumat binýadyndan peýdalanyjy maglumat binýada üýtgeşiklik girizse ähli girizilen üýtgeşiklikleri bir faýylda jemlemek üçin ýörite serişde zerurdyr. Access-de bu mesele maglumat binýadyň ýörite nusgasyny(replikasyny) döretmek, sönlygy bilen ol esasy replikany(esasy nusgany) dikeltmek(sinhronlaşdyrmak) arkaly çözülýär. Dikeltmek işi ýerine ýetirilende maglumat binýadyna girizilen üýtgeşmeleriň wagty hasaba alynyp oňa girizilen iň soňky üýtgeşme has dogry hasaplanylýar. Bu iş ýörite serwis programma bilen ýerine ýetirilýär.

Replikasiýa işini amal etmäge her hili instumental serişdelerini ulanyp bolar:

1.Maglumat binýadynyň faýlyny täzelenen ýagdaýynda saklamagyň gowy usuly portfelli replikasiýadyr, onuň üçin Access-iň maglumat binýadynyň faýly kompýuterdäki **Портфель** papka süýräp eltmekdir.

2.Ikinji usuly Access-iň baş menýuyndaky **Сервис**>>Репликация ▸>> Создать реплику...>>**Enter** basyp çykan goşmaça penjirelerden degişli sorag-jogaplary amal edip kompýuterde döreden maglumat binýadynyň faýly üçin replikany we sinhronlaşdyrmany Access-iň talabyna laýyk döredip, alyp baryp bolar.

3.Maglumatlara girmegiň DAO obýektleri we replikasiýa we Jet JRO obýektler maglumat binýatlary we taslamalary peplikasiýa we sinhronlaşdyrmak programma usulyny taslaýjylara we işleýanlere usulýetlerini hem-de häsiýetlerini berip biler.

4.Replikasiýany, elementleri sinhronlaşdyrmagy meýilnamalaşdyrmagy we seretmegi dolandyrmak işini Microsoft-yň **replikasiýalar dispetçeri** ýerine ýetirip biler. Ol işläp taýýarlaýjylaryň **Microsoft Office 2000 Developer** serişdesine girýär.

Maglumat binýady bilen replakasiýa işi diňe bir köp ulanyjylar bolup onda işlenilende zerurlyk bolman, eýsem maglumat binýadynda diňe bir ulanyjy birnäçe kompýuterlerde(işde we öýde) şol bir maglumat binýady bilen iş salyşanda hem bähbitlidir. Sebäbi maglumat binýady bilen işleýiji çylşyrymly, gaýtalanýan işleri Access programmalaýyn ýerine ýetirýär. Replikasiýa işiniň tehnologiýasynyň beýany MS Access-iň anyklama böleginde jikme-jik getirilendir, onuň görnüşi




Degişli kitap görnüşli belginiň öňündäki [+]-begini basanymyzda ol bölüme degişli işleriň atlarynyň sanawy, her bir işiň üstüne baranymyzda onuň ýerine ýetiriliş tehnologiýasy penjiräniň sagyndaky äpişgede doly beýan edilendir.

Mazmuna geçmek

## *12.10.8.Hyzmat(Сервис) menýuynda Access-i işe girizmegiň parametrlerini(iş ekrany bezemegiň) bermegiň tehnologiýasy*

**Сервис** menýu sanawynyň Параметры запуска... setirini basynyňda, şol at bilen Accesse berilýän parametrli girizilýän penjire açylýar




Bu ýerde

- Заголовок приложения: ýazgynyň aşaky etegindäki zolaga tasanýan maglumat binýadyna berlen aýratyn ady girizmeli, ol hökmanam däldir;
- Значок приложения: ýazgynyň aşaky etegine ýokarda aýratyn at bilen taslanan maglumat binýadyna laýyk Windows gurşawda tapawutly belgijik-piktogramma girizmeli, onu onuň gapdalyndaky Обзор... düwmäni basanymyzda çykan penjiredäki papkalardan saýlamaly;
- ☐ Значок форм и отчетов-maglumat binýadyndaky formalarda we hasabatlarda belgijik bolmaly bolsa şu ýerde ✓-bellik goýmaly, ol öňki Значок приложения: ýazgydaky bellikden gelip çykmalydyr;
- Строка меню:-ýazgynyň aşaky etegindäki zolaga menýu setiri gerek bolsa, ol zolagyň sagyndaky ˅-belgini basanymyzda çykan sanawdan goýmaly;
- ☑ Полный набор меню Access-ýazgy seýle görnüşde bolsa Access-iň menýuynyň doly topary iş ekranda bolar;
- ☑ Контекстные меню по умолчанию-ýazgy setirde şeýle bellik goýulsa mydama menýu sanawyndaky ýa-da iş penjiresinde syçanyň sag gulagyny basanymyzda çykan gapdal menýu çykmalydyr;
- ☑ Специальные клавиши Access-setiriň öňüne bellik edilse, klawiaturada Access üçin ýörite işler üçin niýetlenilen düwmeler hereketde bolmaly, mysal üçin maglumat binýadyň penjiresini, barlag penjiresini we Visual Basic penjirecini çykarmak hem-de ýerine ýetirilýän işi duruzmak;

Вывод формы/страницы: -ýazgynyň aşaky eteginde çykarylmaly formalary we sahypalary, zolagyň sagyndaky belgini basanymyzda çykan sanawdan bermeli;

Окно базы данных ýazgynyň öňi şeýle belgilense maglumat binýadyň penjiresi açyk bolar;

Строка состояния ýazgynyň öňi şeýle belgilense kursoryň duran ýagdaýy iş ekranda bolar;

Контекстное меню: ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda goýulan gapdal menýu bar bolsa ony ol zolagyň sagyndaky belgini basanymyzda çykan sanawdan bermeli;

Встроенные панели инструментов-belginiň öňünde bellik goýulan bolsa içinde goýulan gurallar paneller ekranda bolar;

Изменение панелей инструментов/меню-setiriň öňünde bellik edilse iş ekranyndaky gurallar panellerine we menýulara üýtgeşmeler girizip bolar.

Access-de iş ekranyny bezemek işleri kän bir gaýtalanýan iş däldir, olar üýtgedilmese ýagşydyr. Has möhüm maglumat binýatlary üçin şeýle işleri ýerine ýetirmek ýerliklidir.

Mazmuna geçmek

## 12.10.9.Hyzmat(Сервис) menýuynda Access üçin Visual Basic dilde programmirlemegiň guralyşynyň tehnologiýasy

Access-de maglumat binýadynyň obýektlerine gorag we beýleki işleri Visual Basic programmirleme dilinde amala aşyrmak üçin **Сервис** menýu sanawynyň Макрос setirini basyp çykan penjirelerde gerek ýumuşlary, ýagny olar üçin makroslary programmirleme dilinde düzmeli. Ol buýrugyň gapdal menýuynyň buýruklarynyň sanawy şulardyr




Bu ýerde

Редактор Visual Basic Alt+F11-setiri basanyňda ýa-da Alt+F11 düwmeleri utgaşdyryp basanyňda makros ýazmagyň Visual Basic diliň redaktorynyň iş ekrany taslama we häsiýet penjireleri bilen açylar, olarda işi dowam etdirmeli;

Редактор сценариев Alt+Shift+F11-buýruk setiri makrosyň ýazylyşynyň mümkin bolan yzygiderligini ýazmagyň redaktory açylar;

Безопасность... buýrygy basanymyzda işlenýän maglumat binýady üçin howpsuzlygynyň derejesini bermek üçin şu penjire açylar




Eger howpsuzlyk derejesi has ýokary bolmaly bolsa penjirede Высокая.-şeýle bellik edilmeli, şonda maglumat binýadynyň obýektlerini işe girizmek has ygtybarly çeşmelerden alynan bolsa mümkindir. Eger howpsuzlyk derejesi ortaça bolmaly bolsa, ol adatça ýagdaýdyr penjirede Средняя.-şeýle bellik bolmaly, şonda zyýanly makroslar barada programma duýduryş berer, çözgüdi ulanyjy kabul eder. Eger howpsuzlyk pes derejede bolmaly bolsa, ol islenilýän hem däldir, penjirede Низкая (не рекомендуется).-şeýle bellik bolmaly, ol öz iş ýeriňizde has ygtybarly antiwirus programmalaryňyz bolanda mümkündir.

Выполнить макрос... buýrugy öň taýýarlanylan makrosy ýerine ýetirýär we ondan aşakdaky buýruklar tutuşlygyna makrosdan menýu, gurallar panelini we gapdal menýu döretmegi hem-de olary özgertmegi amal edýär.

Mazmuna geçmek

## *12.10.10.Hyzmat(Сервис) menýuynda Access üçin ActiveX elementi, beýleki menýu setirini goşmagyň tehnologiýasy*

Элементы ActiveX... buýruk bilen ActiveX elementi(ol OLE dolandyrmagyň ýörite elementi) hasaba almak hem-de Web-sahypa bilen işlemek üçin niýetlenilendir. Onuň sanawy MS Office, şonuň bilen birlikde Access kompýutere goýulanda bolmaly. Ol buýrugy açsak elementleriniň sanawy bolan penjire çykar



Bu penjirede gerek elementiňi saýlamaly, oňa barmaly, ondan soň **Подключить** düwmäni basmaly, şonda goşan elementiňizie barmagyň ýolyny çykan **Добавление элемента ActiveX** penjirede bermeli hem-de OK düwmäni basmaly. Işi **Закрыть** düwmäni basyp tamamlamaly.

Сервис menýuda Надстройки > >Диспетчер надстроек buýrugy basyp çykan Диспетчер надстроек penjirede gerek menýuyň ýokarysynda ýazylan ýazgynyň geregiňi penjiredäki sanawdan saýlap **Добавить…** düwmäni basyp goýup bolar.

Mazmuna geçmek

## *12.10.11.Hyzmat(Сервис) menýuynda atlarda awtoçalyşmagyň tehnologiýasy*

Baş menýuda **Сервис**>> Параметры автозамены…>>**Enter** ýa-da ekrandaky -belgini basanyňdaky buýruk bilen maglumat binýadynyň obýektlerine, onuň rekwizitlerine, rekwizitleriň bahalaryna täze at çalyşygyny awtomatiki usulda bermek işyrylýar. **Access**-de döredilen maglumat binýadynyň obýektlerinde awtomatiki at çalyşmasyny işlenýän dilde dürs ýerine ýetirmek üçin buýruk amal bolan penjirede oňa parametrler bermeli




Автозамена: русский (Россия)-penjireda obýektlerde atlary awtoçalyşmak işi haçanda MS Office programma topluma işlenýän diliň doly sözligi girizilende mümkündir, ýogsa bu iş diňe ýazuw kadalary üçin zerurlykdyr. Bu penjiräniň degişli setirlerinde ýokarky ýaly belgileri bolmalydyr. Kä halatlarda kadadan çykma ýagdaýlaryny ýokarky penjiräniň Исключения… düwmesini basanyňda çykan penjirede berip bolar.

Mazmuna geçmek

## *12.10.12.Hyzmat(Сервис) menýuyndan ekranda buýruklary, gurallar panellerini, parametrleri goýmagyň we aýyrmagyň tehnologiýasy*

Access-de maglumat binýady döredilende, alnyp barylanda ýerine ýetirilmeli işler ekrandaky buýruklary, gurallar panellerindäki belgijikler bilen amal edilýär, onuň ekranda bolmaly düzümi, ýagdaýy, goýulyşy, aýrylyşy Сервис>>Настройка… >>Enter basanymyzda çykan aşakdaky penjire gatlarynda berilýär




Настройка penjiresi üç sany gatdan ybaratdyr. Ýokardaky penjire Панели инструментов gatydyr, ondaky Панели инструментов: ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda maglumat binýady üçin zerur gurallar panelleriniň sanawy getirilen. Haýsysy gerek bolsa onuň ýazgysynyň öňündäki boş inedördüle syçanyň peýkamyny eltip, syçanyň çep gulagyny basmaly, şonda şol inedördüliň içinde ✓-bellik bolar. Täze gurallar panelini hem döredip bolar onuň üçin penjiredäki Создать... -düwmäni basmaly, şonda ol täze paneliň adyny girizmegi soraýan penjire açylar




Beriljek at guallaryň paneliniň sanawynda ýeke-täk bolmaly.

Панели инструментов gatyndaky bar bolan standart gurallar panelini Сброс... -düwmäni basyp hem aýryp bolar. Täze döredilen gurallar paneliňi penjiredäki Переименовать...-düwmäni basanyňda çykan penjireden adyny üýtgedibem bolar, Удалить-düwme bilen ony aýrybam bolar.

Панели инструментов gatyndaky gurallar panelleriniň sanawyndaky islendik gurallar paneliniň adynyň üstüne baryp, penjiredäki Свойства düwmäni basyp, onuň esasy häsiýetlerini bilip bolar. Onuň penjiresi we onda berilmeli parametrler aşakda getirilendir




Bu penjiräniň Выбранная панель: ýazgysynyň sagyndaky zolakda saýlanan gurallar paneliniň ady çykar, onuň adyny iň sagdaky ∨-belgini basanymyzda çykan sanawdan hem berip bolar. Islendik saýlanan paneliň häsiýetleri Свойства панели инструментов-bölekde berilýär. название: ýazgynyň

sagynda saýlanan paneliň ady, Тип: ýazylan ýeriň sagynda ol paneliň haýsy topara degişliliginiň görnüşi berilýär hem-de Закрепление: ýazgynyň sagynda onuň ekranda berkidilen ýeri görkezilýär; bu bölekdäki maglumatlar üýtgedilibem biliner, onuň üçin häsiýetler ýazylan zolaklaryň iň sagdaky -beglini basyp çykan sanawdan berip bolar. Penjiräniň aşaky etegindäki setirleriň hemmesiniň öňünde -şeýle bellik goýlsa ýerlikli bolar. Penjire boýunça parametrleri bermegi gutaryp, ondan Закрыть düwmäni basyp çykmaly.

Настройка penjiresiniň indiki Команды gaty buýruklar toplanan penjiredir




Penjiräniň Категории: böleginde Access-de buýruklaryň toparlara bölüşdirilip, baş menýuda getirilen atlary getirilendir, onuň sagyndaky Команды: böleginde çepdäki menýu adyna baranymyzda oňa degişli buýruk gurallarynyň topary sanaw we her bir buýruga degişli belgijigi-piktogrammasy bilen getirilen. Команды: bölekdäki islendik buýrugy Access-iň ekranyndaky islendik menýu ýazgysyna ýa-da gurallar peneliniň toparyna ony tutup syçanyň peýkamy bilen süýräp ýerleşdirip bolar, ony goýjak ýeriňi süýräp elteniňde I harp görnüşinde görkezilen, şonda iş göwnüňe jaý bolsa syçanyň gulagyny goýbermeli. Degişli buýruk guralynyň belligi-piktogrammasy şol ýerde bolar.

Penjiredäki Упорядочить команды... -düwme bilen açylan aşakdaky penjirede saýlanan menýuyň ýa-da gurallar paneliniň tertibini üýtgedibem bolar



Penjiredäki şu setirinde Строка меню: -şeýle bellik bolsa tertipleşdirme menýular boýunça, olara saýlanan elementi goşup, aýryp ýa-da başga islenilýän ýerde ýerleşdirip bolar.

Penjiräniň şu ýazgy setirinde Панель инструментов: -şeýle belgi goýulan bolsa, tertipleşdirme maglumat binýadyň gurallar paneline degişli bolup, olara saýlanylan elementi goşup, aýryp ýa-da başga islenilýän ýerde ýerleşdirip bolar.

Настройка penjiresiniň indiki Параметры gatynda Access-de işlenilende iş ekranynyň düzümine degişli parametrler berilýän penjiredir




Access-de işlenilende zerur parametrler ýokardaky ýaly inedördüllerde ✔ bellik goýulsa ýerlikli bolar, olar örän zerurlykdyr. Access-de işlejegiň görüşi ýaramazyrak bolsa gurallar panelindäki buýruk belgjikleri has uladyp işläsi gelse penjirede oňa degişli ýazgy setriniň öňi ☑ Крупные значки -şeýle belgili bolmaly.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.Hyzmat(Сервис)menýuynda iş ekranyna parametrleri goýmagyň we aýyrmagyň tehnologiýasy*

### *12.10.13.1.Görnüş(Вид) bermek parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de iş ekranynda we penjirelerde zerur parametrler **Сервис>>Параметры>>Enter>>Вид** basyp çykan aşakdaky penjirň degişli gatlarynda berilýär



Ýokarky penjiräniň **Вид** gatynyň Отображать bölegindе ekranda kursoryň duran ýeriniň ýagdaýy görkezilmeli bolsa ☑ строку состояния, Access-e degişli meseleleriň sanawy, işe başlanylanda görkezilmeli bolsa ☑ область задач при запуске, täze döredilen maglumat binýadyň obýektleriniň ýan ýoldaşlary görkezilmeli bolsa ☑ новые ярлыки объектов, işlenilmeli meseleleriň paneliniň penjiresi ekranda bolmaly bolsa ☑ окна в панели задач setirler şeýle belgilenmeli, olar gerek bolmasa olaryň öňündäki belgiler aýrylybam biliner. Eger ekranda gizlin obýektler görkezilmeli bolsa ☐ скрытые объекты, şeýle hem ulgamlaýyn obýektler görkezilmeli bolsa ☐ системные объекты setirleriň öňündäki inedördülde ✓-bellik goýulmaly.

**Вид** gatynyň Конструктор макросов bölegindе konstruktor usuly bilen makroslar döredilende, onyň atlarynyň ýerleşişiniň- ☐ столбец имен we şertleriniň ýerleşişiniň- ☐ столбец условий görnüşiniň sütünde ýerleşişi berilip biliner. Şeýle iş gerek bolsa, ol setirleriň öňündäki inedördülde ✓-bellik goýulmaly.

**Вид** gatynyň Открывать объекты в окне базы данных bölegindе maglumat binýadynyň penjiresinde obýektleri açmak üçin syçanyň peýkamyny olaryň üstüne eltip, syçanyň gulagyny bir sapar basanyňda açylmaly bolsa ◉ одним щелчком -şeýle bolmaly ýa-da syçanyň gulagyny iki sapar basanyňda açylmaly bolsa ◉ двойным щелчком -setiriň öňi şeýle bolmaly.

**Вид** gatda ekranyň görnüşi üçin beriljek parametrler berilip bolanyndan soň, iň aşky etekdäki Применить-düwmäni, ondan soň OK düwmäni basyp işi tamamlamaly.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.2.Umumy(Общие) parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de iş ekranynda we penjirelerde zerur umumy parametrler **Сервис>>Параметры>>Enter>>Общие** basanyňda açylan aşakdaky penjirede berilýär




Bu penjiräniň Границы печатного поля bölegindе maglumat binýadyň obýektleri çap edilende çap meýdanyň çep, sag, ýokarky we aşaky eteginiň daşynyň çäkleri berilýär, ol edil **MS Word**-da berilişi ýalydyr;

☑ Помнить список файлов: 4 - setiriniň öňündäki inedördülde ✓-bellik goýulan bolsa, iş ekranynda we onuň penjirelerinde işlenýän maglumat binýatlarynyň atlarynyň sanawy getirilýär, onda getirilmeli sanawyň mukdary ol setiriň sagyndaky ⌄-belligi basanymyzda çykan sanawdan berip bolar. Access-de bu parametr köplenç faýly açmak bilen baglanyşykly baş menýuyň Файл düwmesini basanyňda bar bolmaly faýllar sanawy bilen hem baglanyşyklydyr;

Формат года из четырех цифр-bölekdäki setirlerde ýylyň formatyny 4 sifrdan bermegiň işlenýän текущая база данных, şeýle hem ähli maglumat binýady все базы данных üçin berilmeli bolsa, olarda bellik edilýär.Adaty ýagdaýda ýylyň beriliş iki sifrdandyr;

Автозамена имен-bölekde maglumat binýadyň obýektleri, olaryň rekwizitleri bilen işlenilende olaryň atlary awtoçalyşyk bilen gözegçilik edilmeli bolsa- отслеживать автозамену имен, atlaryň awtoçalyşygy ýerine ýetirilmeli bolsa - выполнять автозамену имен setirlerde bellik goýulmaly, atlaryň awtoçalyşygynyň üýtgeýişi ýörite žurnalda görkezilmeli bolsa- журнал изменений автозамены имен-şu setirde bellik edilmeli;

Порядок сортировки базы данных:-setiriň aşaky etegindemaglumat binýadynda ösýän ýa-da kemelýän tertipde maglumatlary tertipleşdirmek işiniň usulyny, ol usulyň ady ýazylan zolagyň sagyndaky -belligi basanymyzda çykan sanawdan bermeli;

Звуковое сопровождение событий-setirde bellik etsek, her bir amal ýerine ýetirilende iş ses bilen mälim ediler;

Сжимать при закрытии -setirde bellik edilse, maglumat binýady bilen iş tamamlanyp ýapylanda , ol talaba görä gysylar;

Удалять личные сведения из свойств файла при сохранении -setirde bellik edilse maglumat binýady bilen işlenilende işleýäniň şahsy maglumatlary işlenen faýylyň häsiýetlerinden aýrylar;

Рабочий каталог:-ýazgynyň aşaky eteginde maglumat binýadynyň faýyly ýatda saklanylanda hiç-hili goşmaça görkezme bolmasa, onuň awtomatiki ýatda saklanýan katalogy-papkasynyň salgysy ýazylmaly. Ony işleýäniň islegi boýunça şu ýerde üýtgedibem bolar;

Параметры веб-документа... - düwmäni basanymyzda maglumat binýadyň obýektlerinde gipersalgylanma berilmeli bolsa onuň häsiýetleri şu açylan penjirede beriler, ol iş köplenç Web-resminamalar bilen baglanyşyklydyr.




Giper salgylanma maglumatyň reňkini Цвет гиперссылки: ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda, onuň sagyndaky -belgini basanymyzda çykan reňklerden saýlanyp berilýär. Çagyryp görülen gipersalgylanmanyň reňkini Цвет просмотренной гиперссылки: ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda, onuň sagyndaky -belgini basanymyzda çykan reňklerden saýlanyp berilýär. Gipersalgylanma tapawutlandyrylmaly bolsa penjiredäki Подчеркивание ýazgynyň öňi şeýle belgilenmeli.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.3.Düzetmek we gözleg(Правка и поиск) parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de iş ekranynda we penjirelerde düzetmek we gözleg amallary üçin parametrler **Сервис>>Параметры>>Enter>>Правка и поиск** basanyňda açylan aşakdaky penjirede berilýär




Bu penjiräniň böleklerindäki setirleriň niýetlenilişi

Поиск и замена по умолчанию - böleginde hiç hili goşmaça görkezme bolmasa gözleg we ornuna goýma parametrleri berilýär: eger поле - целиком- setirde bellik goýulsa gözleg we orunyna goýmak görkezilen bütin meýdanda amal bolar; eger везде - любая часть-setiriň öňünde bellik goýulsa gözleg we orunyna goýmak maglumat binýadynyň obýektiniň islendik böleginde amal bolar; eger поле - с начала -setiriň öňünde bellik goýulsa gözleg we orunyna goýmak maglumat binýadynyň obýektiniň başynda amal bolar. Bu bölekde üç setiriň biri işlemek üçin saýlanyp alynmalydyr, ol işleýäniň islegine baglydyr;

Подтверждение - bölegindäki setirleriň öňünde belgilemeler goýulsa islendik ýagdaýda Access-iň obýektleri, obýektlerdäki meýdanlar we ýazgylar, olaryň bahasy üýtgedilende goşmaça tassyklamagy sorar: изменения записей-ýazgylara üýtgetmeler girizseň tassyklama sorar; удаления документов-resminamalar aýrylanda tassyklama sorar; запросов на изменение-täze ýazgylary girizip üýtgetmeli bolsa tassyklama soralar;

Отображать список значений -bölekdäki setirlerde bellikler goýulsa ýerli indeksirlenen we indeksirlenmedik meýdanlarda sanawlaryň bahalary görkeziler;

Penjireden gerek belgileriňi amal edip Применить we **OK** düwmeleri basyp çykmaly.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.4.Klawiaturanyň düwmeleri üçin (Клавиатура) parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de işlenilende klawiaturanyň dolandyryş, geçiş we girizmegi tassyklap kursory başga ýere geçirmek düwmeleri üçin parametrler **Сервис>>Параметры>>Enter>>Клавиатура** basanyňda açylan aşakdaky penjirede berilýär




Bu penjirede maglumat binýadynyň obýektlerine ýazgylar girizilende klawiaturadaky dolandyryş düwmelere parametrler beriş tehnologiýasy penjirede şeýle amala aşyrylýar:

**Enter** düwmesine berilýän parametrler Переход при нажатии Enter -böleginde berilýär; eger нет-setiriň öňünde bellik goýulan bolsa, klawiaturadaky **Enter** düwmäni basanyňda hiç ýere kursoryň geçişi bolmaz; eger следующее поле-setiriň öňünde bellik bolsa klawiaturadaky **Enter** düwmäni basanyňda kursor indiki meýdana-sütüne geçer; eger следующая запись - setiriň öňünde bellik bolsa klawiaturadaky **Enter** düwmäni basanyňda kursor indiki ýazga-setire geçer. Access bilen işlenilende bu üç ýagdaýyň biri saýlanyp alynmalydyr;

Klawiaturadaky →,← düwmeler bilen kursoryň geçişiniň parametrleri penjiräniň Переход по клавише со стрелкой -böleginde berilýär: eger следующее поле-setiriň öňünde bellik goýulan bolsa çepe-saga geçiş düwmeleri basanyňda indiki ýa-da öňki meýdana-sütüne kursor barar; eger следующий знак-setirde bellik goýulan bolsa çepe-saga geçiş düwmeleri basanymyzda indiki ýa-da öňki harpa, şekile kursor barar. Islendik ýagdaýda iki ýagdaýyň biri saýlanyp alynmalydyr;

Поведение при входе в поле-penjiräniň şu bölegindäki выделить поле целиком-setiriň öňünde bellik goýulan bolsa kursor geçen meýdanyň islendik ýerinde bolup biler; eger перейти в начало поля setiriň öňünde bellik goýulan bolsa kursor geçen meýdanynyň başynda durar; eger перейти в конец поля-setiriň öňünde bellik goýulan bolsa kursor geçen meýdanynyň soňunda durar.

Останов на первом и последнем поле-setirde bellik edilse kursor açylan maglumat obýektiň düzüminiň birinji ýa-da soňky meýdanynda-sütüninde durar. Penjireden gerek belgileriňi amal edip Применить we **OK** düwmeleri basyp çykmaly.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.5.Tablisa düzgüni(Режим маблицы) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de maglumat binýadyň obýektlerindäki tablisalary bezemek üçin parametrleri bermek **Сервис>>Параметры>>Enter>>Режим таблицы** basanyňda açylan penjirede berilýär



Bu penjiräniň degişli böleklerinde tablisany düzüji elementler üçin parametrler berilýär:
Цвет по умолчанию -bölekde tablisada ýazylmaly şriftiň reňki шрифт: черный -şu setirde, onuň sagyndaky -belgini basanyňda çykan reňklerden berilýär; tablisadaky ýazgylaryň düşeginiň reňki фон: белый -şu setirde, onuň sagyndaky -belgini basanyňda çykan reňklerden berilýär; tablisanyň torlarynyň reňki сетка: серебристый -şu setirde, onuň sagyndaky -belgini basanyňda çykan reňklerden berilýär;
Шрифт по умолчанию-bölekde tablisada ýazylmaly şriftiň görnüşi berilýär; şriftiň görnüň saýlawy шрифт: ýazylan ýazgynyň aşagyndaky zolagyň sagyndaky -belgini basanyňda çykan şriftlerden biri berilýär; şriftiň ýogynlygy толщина: ýazylan ýazgynyň aşaky etegindäki zolagyň sagyndaky -belgini basanyňda çykan sanawdan birini saýlamak bilen berilýär; şriftiň möçberi размер: ýazylan ýazgynyň aşaky etegindäki zolagyň sagyndaky -belgini basanyňda çykan ululyklaryň birini saýlamak bilen berilýär; подчеркнутый-setirde bellik etseň tablisadaky ýazylan ýazgylaryň aşagy çyzylan bolar; курсив-setirde bellik etseň tablisadaky ýazgylaryň şekili golýazma golaý bolar;
Линии сетки по умолчанию-bölekdäki setirlerde bellik edilse tablisanyň dikligine we keseligine torlaryny we tablisanyň sütüniniň möçberi berilýär: по горизонтали-setirde bellik edilse mydama tablisanyň kese çyzyklary obýektde bolar; по вертикали-setirde bellik edilse mydama tablisanyň dik çyzyklary obýektde bolar; Ширина столбца по умолчанию: 2,499см -setiriň san ýazylan ýerde tablisanyň sütüniniň ininiň möçberi santimetrlerde berilýär, ol adatça sanlary ýazmak bilen berilip biliner;
Оформление сетки по умолчанию-bölekdäki обычное-setiriň öňi bellikli bolsa maglumat binýadyň tablisasynyň kese we dik çyzyklary adaty ýagdaýda bolar; приподнятое-setiriň öňi bellikli bolsa tablisanyň çyzyklary azajyk ýokary göterilendir; утопленное-setiriň öňi bellikli bolsa tablisanyň çyzyklary içe çümdirilendir;
Отображать ход изменения-setirde bellik bolsa, ol adaty ýagdaýdyr, tablisada geçirilýän üýtgeşmeler olar ýerine ýetirilýärkä tablisada şekillendirilýär;
Отображать смарт-теги в таблицах-setirde bellik edilse, ol hem Access 2003-de adaty ýagdaýdyr, tablisada smart-tegi şekillendiriler. Bu iş şriftleriň şekillendirilişi bilen baglanyşyklydyr.

Penjiräniň islendik böleginde bellik edilse Применить we **OK** düwmeleri basyp çykmaly, ýogsam ol bellikler hasaba alynmaz.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.6.Forma we hasabat(Форма и отчеты) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de maglumat binýadynyň formalary we hasabatlary üçin parametrleri bermek **Сервис>>Параметры>>Enter>>Форма и отчеты** basanyňda açylan penjirede berilýär




Bu penjiräniň Выделение объектов-böleginde belgileýji çarçuwany süýremek bilen formalarda we hasabatlarda dolandyryş elementleri belgilemegiň usulyny kesgitleýär: пересечение-bolanda

formanyň we hasabatyň islendik böleginiň dolandyryş elementi belgilenýär; Охват-bolanda diňe çarçuwanyň baran ýeriniň dolandyryş elementleri belgilener;

Шаблон формы:-ýazgynyň aşaky etegindäki ýazgy ýazylýan zolaga bar formanyň adyny girizmeli, şonda şol forma täze formalar döretmäge ülňi bolar, täze döredilen formalaryň häsiýetleri hem ülňüki ýaly bolar;

Шаблон отчета:-ýazgynyň aşaky etegindäki ýazgy ýazylýan zolaga bar hasabatyň adyny girizmeli, şonda ady şol ýere ýazylan hasabat täze hasabatlary döretmäge ülňi bolar, şol ülňi bilen döredilen hasabatlaryň esasy häsiýetleri onuň bilen birmeňzeş bolar;

Всегда использовать процедуры обработки событий -setirde bellik goýulsa häsiýetler öýjiginde **Построитель** düwmäni basanyňda gönüden göni modul-programma ýazylan penjirä kursor geçer;

Отображать смарт-теги в формах-setirde bellik adatça öň belläp geçişimiz ýaly formalarda smart-tegini şekillendirmek üçin niýetlenilendir;

Элементы управления из тем Windows в формах -formalarda dolandyryş elementleri adaty Windows-daky ýaly bolar.

Penjiräniň islendik böleginde bellik edilse Применить we **OK** düwmeleri basyp çykmaly.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.7.Sahypalar(Страницы) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de maglumat binýadynyň obýektleriniň sahypalary üçin parametrleri bermek **Сервис>>Параметры>>Enter>>Страницы** basanyňda açylan penjirede berilýär




Sahypalara parametrler berilýän bu penjire iki bölekden ybaratdyr, olardaky parametrleriň niýetlenilişi aşakdaky ýalydyr:

Стандартные свойства конструктора-bölekdäki ýazgy parametrleri sahypany bezemek bilen baglanyşyklydyr:

Отступ для раздела: 0,635см -setiriň sagynda bölüm üçin standart aralyk berilen, ony üýtgetmek sahypanyň bölümlerini we meýdanlarynyň özara standart aralygy üýtgetmekdir, ony ol ýere ýazaýmaly. Ýazylan baha **MarginLeft** häsiýetinde **SectionIndent** baha kesgitleýär;

Дополнительный цвет строк: whitesmoke ... ýazgy setirinde maglumat binýadynyň obýektlerinde gaýtalanýan setirler üçin goşmaça reňk berilýär, onuň reňkini ... -düwmäni basanyňda çykan reňkleriň birini saýlap berip bolar;

Стиль раздела заголовка: BACKGROUND-COLOR: steelblue; COLOR: white; FONT-WEIGHT: bold -ýazgy setirinde maglumat binýadynyň obýektleriniň bölümlerindäki ýazgy meýdanlary üçin işlenýän standart stili şekillendirýär, ony ulanyjy öz parametrlerini girizip üýtgedibem biler;

Стиль раздела примечаний: BORDER-TOP: steelblue 1px solid; FONT-WEIGHT: bold -ýazgy setirinde maglumat binýadyň obýektlerindäki bellikler meýdany-kolontitullar üçin işlenýän stil şekillendirilendir, ony ulanyjy öz parametrlerini girizip üýtgedip biler;

Стандартные свойства БД или проекта-bölekde maglumat binýadyna ýa-da adaty taslama standart häsiýetler berilýär:

Стандартная папка для страниц-ýazgynyň öňünde bellik goýulsa sahypalary ýatda saklamak üçin papka salgyny Папка для страниц: -ýazgynyň aşaky eteginde berilmegini sorar, ony ol zolagyň sagyndaky Обзор...-düwmäni basyp çykan penjiredäki sanawdan berip hem bolar;

Стандартный файл подключения-ýazgynyň öňünde bellik goýup parametr bersek Office Database Connection ýa-da Microsoft Data Link elementler sahypa birikdirilen faýýlar görnüşinde bolar, onuň üçin ol ýerdäki Файл подключения: ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda, zolagyň sagyndaky Обзор... düwmäni basanyňda çykan Maglumat çeşmesini saýlamak penjirede bar bolan çeşmelerden bermeli




Penjiräniň islendik böleginde bellik edilse Применить we **OK** düwmeleri basyp çykmaly.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.8.Tablisalar we Soramalar(Таблицы и запросы) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de maglumat binýadynyň obýektleriniň tablisalary we soramalary üçin parametrleri bermek **Сервис>>Параметры>>Enter>>Таблицы и запросы** basanyňda açylan penjirede berilýär



Bu penjirede tablisalar we soramalar döredilende örän zerur parametrler berilýär:

Конструктор таблиц-penjiräniň bu uly böleginde tablisa konsruktor düzgünde döredilende zerur parametrler berilýär:

Размеры полей по умолчанию-bölekde döredilmeli rekwizitleriň bahalarynyň uzynlygy we beriliş şertleri kesgitlenilýär; Текстовое:-ýazgynyň sagynda rekwizit ýazgy bolsa konstruktorda hiç zat görkezilmese şu ýerde görkezilen mukdar bolar, ol adatça 0-dan 255 şekile çenli bolup biler; Числовое:-rekwizitiň bahasy san bolanda ýazgy meýdanda bolmaly sanyň görnüşini, ol ýazgynyň zolagynyň sagyndaky -belgini basanyňda çykan sanawdan birini saýlamak bilen berilýär;

Тип поля по умолчанию:-bölekde bolsa konstuktor düzgünde hiç-hili görkezme bolmasa hemişelik bolmaly parametrler berilýär; Текстовый -ýazgy, meýdan üçin ilki bilen berilmeli häsiýetdir, ony başga ýazgy bilen hem çalyşyp bolar, onuň üçin onuň sagyndaky -belligi basyp çykan sanawdan saýlap alaýmaly.

Автоиндекс при импорте и создании:-bölekde bir ýa-da birnäçe meýdanda indeksleri awtomatiki döretmek üçin parametrler berilýär;

☑ кнопки параметров обновления свойств ýazgynyň öňünde bellik goýulan bolsa işlenýärkä tablisada üýtgeşmeler amal edip bolar.

Конструктор запросов-penjiräniň bu böleginde maglumat binýatdaky soramalar üçin parametrler berilýär:

☑ Вывод имен таблиц -setirde bellik goýulsa birnäçe tablisa bilen işlenilende soramanyň meýdanynda onuň ady bolar;

☑ Вывод всех полей-bu parametr diňe täze soramalar döredilende ulanylýar, esasy sorama tablisalardan ähli meýdanlary çykarmak üçin ulanylýar;

☑ Автоматическое объединение-konstruktor düzgüninde goşulan soramalarda iki tablisanyň içki birleşmesi awtomatiki döredilýär, onuň üçin olaryň rekwizit düzümi birmeňzeş bolmaly. Bellik goýulmasa bu işi özüň döretmeli.

Шрифт в конструкторе запросов-bölekde sorama konstruktorynda şriftleriň görnüşi Шрифт: ýazgynyň aşaky etegindäki zolagyň sagyndaky belgini basyp çykan sanawdan birini saýlamak bilen berilýär. Şriftiň möçberi Размер: ýazgynyň aşaky etegindäki äpişgejikde berilýär, ony bermek üçin onuň sagyndaky -belligi basnyňda çykan sanawdan bir ululygy saýlaýmaly.

При запуске предоставляются права-bölekde döredilen soramalara girmgiň hukugy kesgitlenilýär; eger ◉ владельца bellik egilen bolsa maglumat binýadyň eýesi ony görüp, oňa üýteşmeler girizip biler; eger ◉ пользователя şeýle bellik edilen bolsa maglumat binýadynyň soramasyna ulanyjy hem seredip üýtgeşmeler girizip biler;

Синтаксис для SQL Server (ANSI 92)-bölekde parametrler berilse ANSI-92 SQL sintaksisi peýdalanmak bilen soramalary ýerine ýetirmek üçin ANSI-92 SQL sorama düzgüni işeňňirleşdirilýär.

Penjiräniň islendik böleginde bellik edilse Применить we **OK** düwmeleri basyp çykmaly.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.9.Orfografiýa(Орфография) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de maglumat binýadynyň obýektlerinde dürs ýazmak işleriň barlagy üçin parametrleri bermek **Сервис>>Параметры>>Enter>>Орфография** basanyňda açylan penjirede berilýär, onuň üçin **MS Office**-de şol ýazuw diliniň dürs ýazylan doly sözligi hem-de şol diliň harplary Windows ulgamyň klawiaturasynda Microsoft tarapyndan goýulan bolmaly ýa-da ýorite MS Word-yň üsti bilen iňlis, rus sözlügine türkmen diliniň ähli ulanylýan sözleri goşulan bolmaly.




Bu penjiräniň Язык словаря ýazgysynyň aşaky etegindäki zolakda dürs ýazuw barlanýan diliň adyny, ol zolagyň sagyndaky -belgini basanymyzda çykan dillerden saýlap almaly; Добавлять слова в: -täze sözleri Office-däki haýsy faýla goşmalydygyny görkezmek üçin, ol söziň aşaky etegindäki zolaga onuň adyny ýazmaly, adatça Office-de ol faýl **CUSTOM.DIC** at bilen bellidir.

- предлагать только из основного словаря-setiriň öňünde bellik edilse dürs söz esasy sözlükden gözlener, bellik bolmasa ähli sözlüklerden gözleg bolar;
- пропускать слова из прописных букв-setiriň öňünde bellik goýulsa baş harplar bilen ýazylan sözler ýalňyş hasap edilmez;
- пропускать слова с цифрами-sangatyşykly sözleriň dürs ýazylyşy barlanmaz;
- пропускать адреса Интернета и имена файлов-Internetdäki salgylar we faýllaryň atlary ýazgyda bolsa olara üns berilmez;
- Параметры автозамены...-düwmäni basanymyzda, ol öň hem başga menýularyň buýruklarynda getirilipdi, ýagny sözler ýalňyş ýazylanda nähili awtoçalyşylmalydygynyň parametrleri berilýän penjire açylar.

Penjiräniň çep Особые правила для языков böleginde dünýä dilleriniň ýazgysynyň umumy kadalaryna laýyk gelmeýän diller üçin parametrler bermek amal edilýär.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.10. Ýalňyşlary barlamak(Проверка ошибок) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de maglumat binýadynyň obýektlerinde işlenýärkä dürs ýazylyşynyň kompýuter tarapyndan awtomatiki barlagynda iş ekranda mälim ediji işleri üçin parametrleri bermek **Сервис>>Параметры> >Enter>>Проверка ошибок** basanyňda açylan penjirede berilýär




Bu penjiräniň Параметры böleginde ýalňyşlyklary barlamaga rugsady Разрешить проверку ошибок-setiriň öňünde bellik goýmak bilen berilýär, meýdanda ýalňyşlar -şeýle görkezilýär, onuň reňki Цвет обозначения ошибки: зеленый -setirde -belgini basanyňda çykan reňkleriň toplumyndan saýlanylýar.

Правила конструктора форм и отчетов-penjiräniň formalary we hasabatlary konstruirlemegiň düzgüni böleginde formalarda we hasabatlarda ýa-da sahypalarda goýulan obýektler dolandyryş elementleridir, şeýle hem olarda formalarda we hasabatlarda goýulan ýazgylar başga formalary we hasabatlary açmak üçin niýetlenilendir, olar üçin parametrler berilýär.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.11.Halklaryň ýazuwy (Международные) üçin parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de maglumat binýadynyň obýektlerinde işlenýärkä dünýä halklarynyň ýazgylaryň ýazylyş düzgünine görä, olaryň kursor bilen ýazylyşynyň ugry we kursoryň geçişi üçin parametrleri bermek **Сервис>>Параметры>>Enter>>**Международные basanyňda açylan penjirede berilýär




Bu penjirede Направление по умолчанию böleginde слева направо-ýazgynyň öňinde bellik bolsa kursor maglumat binýadyň obýektlerinde çepden sag, adaty ýagdaýda, ýazar; eger ýazuw düzgüni sagdan çepe ýazylmaly bolsa şol ýerdäki справа налево-ýazgynyň öňünde bellik edilmeli.

Penjiräniň Обычное выравнивание -bölegindäki setirlerde, hat ýazylýan diliň ugruna görä çepe ýa-da saga ýazgylar gyradeňlenýär.

Penjiräniň Перемещение курсора-bölegindäki setirlerde kursoryň hereket ugry görkezilýär, логическое-bellik bolsa şol bir wagtda adaty ugry, içinde başga ugry ýazmaly bolsa ony hem şol meýdanda ýazyp bolar; ikinji ýagdaýda diňe tebigi bir kabul edilen ugurda ýazylyp biliner.

Penjiräniň iň aşaky bölegindäki Летоисчисление по хиджре-ýazgysynyň öňünde -bellik goýulsa maglumat binýatdaky hasaplar musulman ýurtlarynyň käbirlerinde ýöredilýän hijri-kamary ýyl hasabynda amala aşyrylýar. Eger ol ýerdäki bellik aýrylan bolsa adaty grigorian-Bibi Merýemiň ogly Isanyň dogulan senesinden başlanýan, biziň gündelik ulanýan ýyl hasabymyzda bolar. Şol bir maglumat binadaky ýyl hasaby tutuşlygyna bir görnüşde bolmalydyr.

Mazmuna geçmek

## *12.10.13.12.Her hili(Другие) parametrleriň goýulyş tehnologiýasy*

Access-de maglumat binýadyna gerek boljak her hili parametrleri bermek **Сервис>>Параметры> >Enter>>Другие** basanyňda açylan penjirede berilýär




Bu penjiräniň Операции DDE-böleginde DDE amalar(*dinamik maglumat çalyşygy*) üçin başga taslamalardan maglumat almagy guramaga degişli parametrler berilýär. Mysal üçin MS Excel-den maglumat çalyşygy şeýleräk guralyp biliner:

**DDE**(***приложение***, ***тема***, ***элемент***)

ýa-da

```
=DDE("Excel", "Sheet1", "R1C1")
```

Аргументы командной строки: ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda döredilen we taslanan maglumat binýadyna girmek we onuň ygtybarlygyny, gizlinligini üpjün edýän parametr-buýruklar girizilýär, olaryň ýazylyşy aşakdaky ýalydyr:

***maglumatlar binýady***

**/excl**

**/ro**

**/user** adyUlanyjy

**/pwd** parol

**/profile** ulanyjynyň ugry

**/compact** *Microsoft Access-de gutarnykly maglumat binýady ýa-da gutarnykly taslama*

**/repair**

**/convert** *gutarnykly maglumat binýat*

**/x** *макros*

**/cmd**
**/nostartup**
**/wrkgrp** *iş toparyň faýly*

Время ожидания OLE/DDE (с): 30 -maglumat binýady beýleki programmalardaky, maglumat binýadyndaky maglumatlary bilelikde ulanmak, olar bilen işlemegiň tehnologiýasynda alyş-çalyşyga garaşmagyň wagty bu setiriň sagynda berilýär, onuň ululygy 0 sekuntdan 300 sekunda çenli bolup biler;

Период обновления (с): 60 -setirde tablisa ýa-da forma düzgüninde MS Access-de ýazgylaryň awtomatiki täzelenişiniň wagt aralygy berilýär, ol 1-den 32766 sekunda çenli bolup biler. Eger setiriň sagyndaky san ýazylýan ýerinde 0 goýsaň ýazgylaryň täzelenişi bolmaz;

Число повторов обновления: 2 -setirde maglumat binýadynda birnäçe ulanyjy bolup işläniňde girizen üýtgeşmeleriňi ýatda saklamaga synanyşygyň sany berilýär, ol )-dan 10 çenli bolup biler. Bu iş beýleki ulanyjylar üýtgeşme girizmegi saklaýan ýagdaýynda gerekdir;

Период обновления ODBC (с): 1500 -setirde parametr bermek torda umumy girmek düzgüninde peýdalanylýan maglumat binýatlary üçin berilýär, onuň bahasy 1-den 32766 sekunda çenli bolup biler.

Период повтора обновления (мс): 250 -bir topar ulanyjy bolup maglumat binýadynda işleseňiz, girizen üýtgeşmeleriňizi ýatda saklajak bolsaňyz, bu işi beýleki ulanyjylar saklaýan bolsa şu ýerde Access bu işi gaýtalamagyň döwrüni berip bolar, 0-dan 1000 millisekund aralykdyr;

Формат файла по умолчанию-ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda döredilen maglumat binýadynyň faýlynyň formatyny görkezmeli, ony ol zolagyň sagyndaky -belligi basyp çykan sanawdan bermeli;

Режим открытия по умолчанию-ýazgynyň böleginde maglumat binýadynyň faýlyna girmegiň görnüşi getirilen: общий доступ -bolanda maglumat binýada islendik ulanyjy girip biler; монопольный доступ-bolanda maglumat binýadyna diňe onuň eýesi girip biler.

Блокировка по умолчанию -bölekde tordaky maglumat binýadynyň ýazgylaryna üýtgeşmeler girizip redaktirlemek barada parametrler berilýär: отсутствует - bolanda binýatda ýazgylary redaktirläp bolar; всех записей-şu ýazgynyň öňünde şeýle bellik goýulan bolsa ähli ýazgylary redaktirläp bolmaz; изменяемой записи-şu ýazgynyň öňünde şeýle bellik goýulsa diňe binýatdaky üýtgedip bolýan ýazgylary redaktirläp bolar.

Блокировка записей при открытии БД -setiriň öňünde şeýle bellik goýulsa ýazgylar derejesinde girmegi saklamak standart iş bolup durýar.

Penjiräniň islendik böleginde bellik edilse Применить we **OK** düwmeleri basyp çykmaly.

Mazmuna geçmek

## *12.11. Penjire(Окно) menýuynda buýruklary bermegiň tehnologiýasy*

Access-iň baş menýunyň **Penjire(Окно)** düwmesi maglumat binýadyň iş ekranynyň penjireleriniň berilişi bilen baglanyşykly bolup onuň buýruklarynyň sanawy aşakda getirilendir



Bu penjiriň buýruklarynyň wezipeleri:

Сверху вниз-buýrugy basanymyzda Access-de açylan penjireler ýokardan aşaklygyna ýerleşiriler, iň soňky açylan penjire iň ýokarda bolar, mysal üçin




Слева направо-buýrugy basanymyzda, Access-de açylan penjireler çepden saga ýerleşdirilýär, mysal üçin




Каскадом-buýrugy basanymyzda Access-de açylan penjireler basgançak ýaly ekranda ýerleşdirilýär, islän penjirämize syçanyň peýkamyny eltsek ol işjeň ýagdaýda bolar, mysal üçin



Упорядочить значки -maglumat binýadyň penjiresinde ýerleşdirilen obýektleriniň belgijiklerini tertipleşdirýär;

Скрыть -buýrugy basanymyzda kursor duran işjeň penjire ekrandan gizlener, onyň adyny başga penjireden tapyp **Окно**>>Отобразить...>>**Enter** basyp çykan şu penjirede




Bu ýerde OK basyp ýene ol penjiräni ekranda dikeldip bolar;

Access-iň baş menýuynyň Окно düwmesiniň buýrugynyň iň soňky setirleri onda açylyp işlenýän penjireleriň sanawy getirilen, olaryň haýsyny işjeň etjek bolsaň, ony saýlaýmaly, mysal üçin




Bu sanawda haýsy obýekt işjeň bolsa, onuň öňinde ✓-şeýle belgi bolar.

Mazmuna geçmek

## 12.12. Anyklama(Справка) menýuynda buýruklary bermegiň(anyklama almagyň) tehnologiýasy

Access-de gönüden göni **Anyklama(Справка)** menýuyna girmezden hem alyp bolar, onuň üçin ekranyň baş menýuynyň setirindäki Введите вопрос -ýazylan zolagyň Введите вопрос -ýazgynyň ýerine öz gerek anyklamaňyzyň adyny işlenýän programmaňyzyň dilinde ýazmaly **Enter** basmaly, şonda çykan penjireden ol ýazan adalgaňyza degişli toparlardan her birini yzy-yzyna basyp, onuň sagynda çykan penjireden islegiňi kanagatlandyrmaly.

Access bilen işlenilende kynçylyk çeken ýagdaýyňda, amal etjek işiň boýunça anyklamany, onuň baş menýuynyň **Anyklama(Справка)** düwmesini basanyňda çykan buýruklarynyň biri bilen alyp bolar



Bu anyklama buýruklaryň niýetlenilişi:

Справка: Microsoft Office Access F1-buýruk setirini ýa-da klawiaturadan F1 düwmäni basanymyzda kursoryň duran ýerinde edilmeli amal boýunça gerek anyklamaňy almal üçin Access-iň anyklama penjiresi çykar




Bu ýerde anyklama almagyň birnäçe ýolary teklip edilýär:

Искать:-ýazgynyň aşagyndaky zolaga gerek anyklama adalgaňy Access-iň programmasynyň dilinde ýazmaly we Enter basmaly, şonda ol adalga degişli anyklamada kanagatlanarly jogap alyp boljak bölümleriň sanawyly penjire açylar, olary ýeke ýekeden açsaňyz, çykan penjirede jogaplar ýa-da ýerine ýetiriliş tehnologiýasy görkezilen işleriň yzgiderligi bolar;

Оглавление-ýazgyny bassaňyz Access-iň tutuş anyklama penjiresi çykar




Bu penjiräniň çepindäki sanawdan birini açsaňyz, ol toparyň mazmuny çykar, ondan gerek anyklamaňyzy alyp bilersiňiz;

Office Online-bölekdäki buýruk sanawlary basyp anyklama almak işi, kompýuteriň tora, şeýle hem Internet toryna biridirilen bolsa mümkündir.

Показать помощника-anyklamada şu buýrugy bassaňyz iş ekranyňyzda öz herektlerini görkezýän kömekçiniň şekili geler, iş wagty säginseňiz her-hili kömekler teklip eder. Eger Показать помощника-ýazgy öň basylan bolsa, onda onuň ornuna ýokarky menýu sanawyň buýrugynda Скрыть помощника bolar, ol buýruk setiri açylan bar kömekçini ekrandan aýyrar. Kömekçiniň käbir şekili aşakda getirilendir



Kömekçä degişli parametrler hem berip bolar, onuň üçin onuň üstüne syçanyň peýkamyny eltip, syçanyň sag gulagyna basanymyzda, şeýle buýruklaryň sanawy çykar

Скрыть

Параметры...

Выбрать помощника...

Мотор!

Bu ýerde

Скрыть-buýrugy bassak, ekranda hereket edýän kömekçi gizlener;

Параметры...-buýrugy basyp kömekçi üçin zerur parametrler berilýän şu penjire açylar




Помощник penjiräniň Коллекция gatynda anyklama üçin **kömekçiniň(Помощник**) ekrandaky şekilini saýlap bolar, onuň üçin Далее > basyp penjirä gelen şekiliň birini saýlap OK düwmäni basmaly ýa-da penjiredäki < Назад düwmäni basyp şekil saýlamak işini dowam etdirmeli.

Помощник penjiräniň indiki Параметры gatynda anyklama üçin kömekçä gerek parametrler berilýär



Параметры gatdaky ýazgylaryň niýetlenilişi:

☑ Использовать помощника ýazgynyň öňünde şeýle bellik goýulsa Access bilen işlenilende kömekçiniň gerekligidir, kömekçi gerek bolmasa ol ýerde bellik goýmagyň geregi ýokdyr;

☑ отображать справку для мастеров-ýazgynyň öňünde bellik bolsa Access-de käbir ussatlar üçin anyklama ekranda görkeziler, ýogsam beýle iş görkezilmez;

☑ отображать сообщения помощника -ýazgynyň öňünde bellik bolsa ekranda aram-aram amal edilýän işe degişli kömekçiniň habary mälim edilip durar;

☑ не закрывать данные-setiriň öňünde bellik edilse Access barada anyklama ulanylanda zerur maglumatlar mydama bolar;

☑ звуковое сопровождение-bolanda kömekçi käbir anyklamalary dilden hem düşündirip bilen;

☑ просматривать две справочных системы при работе с VBA- setirde bellik bolsa Access-de Visual Basic algoritm dili bilen programmirlemek işi amal edilende birbada iki ulgamyň hem anyklama ulgamlaryndan zerur soraglaryňa jogap alyp bolar.

Параметры gatyň Отображать советь-bölegindäki setirlerde anyklama boýunça berilýän maslahatlaryň şekillendirilişiniň parametrleri berilär:

☑ об использовании возможностей программы-ýazgy setriň öňünde bellik goýulsa **kömekçi** ulanylýan programmanyň mümkinçilikleri barada habar berip durar;

☑ об операциях с мышью-setiriň öňünde bellik goýulsa işlenilende **kömekçi** syçan bilen edip boljak işler barada maslahatlar berip durar;

☑ о сочетаниях клавиш- setiriň öňünde bellik goýulsa işlenilende **kömekçi** klawiaturanyň düwmelerini utgaşdyryp amal edip boljak işler barada maslahatlar berip durar;

☑ отображать только важные советы-setiriň öňünde bellik goýulsa **kömekçi** diňe möhüm maslahatlar berer;

☑ отображать полезный совет при запуске -setiriň öňünde bellik goýulsa Access bilen işe başlanylan wagty **kömekçi** peýdaly maslahatlar berer.

Справка menýuyň Office в Интернете, Ресурсы разработчика Access, Свяжитесь с нами buýruklary siziň kompýuteriňiz halkara Internet toryna birikdirilen ýagaýynda manysy bardyr. Olar bilen halkara derejesindäki Office we Access programmalary işläp taýýarlaýjylardan anyklama maglumatlary tölegli alyp bolar.

Справка menýudaky Примеры баз данных... etirden Access-de işlenip taýýarlan taslamalar üçin barlag mysaly hökmünde bar okuw maglumat binýatlarynyň sanawy çykar

Учебная база данных "Борей"

Учебный проект Access "Northwind"

Bu sanawdaky Учебная база данных "Борей" -okuw maglumat binýady Access programmanyň ähli görnüşlerinde bardyr, ol ulanylýan Access haýsy dilde bolsa şol dile geçirilendir. Учебный проект Access "Northwind"-bu Access-däki okuw taslamasy käbir öňki Access-lerde bolmazlygy hem mümkindir.

Справка menýudaky О программе setirden Access programmasy barada doly maglumay hem aşakdaky çykan penjireden alyp bolar




Bu penjiredäki **О системе** düwmäni bassaň işleýän kompýuteriň düzümi, onuň operasion ulgamy we beýleki bilesigelijigiňi kanagatlandyrýan maglumatlar aşakdaky penjirede getiriler




Mazmuna geçmek

## *13.MS Access-de obýektler bilen işlenilendäki baş menýuy*

MS Access-de maglumat binýadynyň obýektleri bilen işlenilende öňki bölekde seredilip geçilen baş menýuyň buýruklary tapawutlyrakdyr, mysal üçin:

Файл Правка Вид Вставка Формат Записи Сервис Окно Справка

Bu ýerde Формат we Записи düwmeler öňki umumy baş menýuda ýokdyr.

Mazmuna geçmek

## 13.1.MS Access-de obýektler bilen işlenilendäki çäk(Формам) menýuyda işlemegiň tehnologiýasy

Формат-düwmäni basanymyzda maglumat binýadyň obýektleri bilen işlänimizde, olara format bermek üçin aşakdaky buýruk setirleri getirilendir




Формат menýuyň buýruklarynyň sanawynyň A Шрифт...-buýruk setiri, maglumat binýadyň işlenän obýektindäki ýazgylara tutuş şriftiň görnüşini, ýazylyşyny, möçberini hem-de reňkini berýän penjirede parametrler bermegi guraýar




Bu ýerde

Шрифт:-ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda maglumat binýadynyň obýekt üçin şriftiň görnüşini, ondan aşakdaky sanawdan birini saýlamak bilen berilýär;

Начертание:-ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda maglumat binýadynyň obýekti üçin ýazgylaryň ýazylyş, ondan aşakdaky sanawdan birini saýlamak bilen berilýär;

Размер:-ýazgynyň aşaky etegine işlenýän obýektiň ýazgylarynyň möçberi ýazylyp ýa-da ondan aşakdaky zolakdaky sanawdan birini saýlamak bilen berilýär;

☑ подчеркнутый-ýazgynyň öňünde bellik goýulsa obýektdäki ýazgylaryň aşagy çyzyk bolar;

цвет:-ýazgy setiriň sagyndaky zolakda maglumat binýadyň obýektiniň şrifti üçin reňk, zolagyň sagyndaky ▼-belligi basyp çykan reňklerden birini saýlap berip bolar.

Формат menýuyň buýruklarynyň sanawynyň Режим таблицы...-buýruk setiri, maglumat binýadyň obýektinde tablisa düzgüninde işlenilende, tablisa degişli parametrleri aşakdaky penjiräniň degişli ýazgylarynda belgiler bermek bilen guraýar




Bu penjirede işlenilmeli ýa-da işlenilen tablisalar üçin tablisany düşeginiň we tablisanyň setirlere hem-de sütünlere bölünişiniň görkezilişi, reňkleri aşakdaky ýaly belgilemelerde berilýär

Оформление-penjiräniň bu böleginde tablisanyň düşegine reňk berilýär:

обычное-ýazgynyň öňünde bellik edilse tablisanyň düşegi adaty ýagdaýda bolup, onuň düşeginiň reňki Цвет фона: ýazylan ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda ol zolagyň sagyndaky -belgini basanyňda, tablisanyň torynyň reňki Цвет линий сетки ýazylan ýazgynyň aşaky etegindäki zolakda ol zolagyň sagyndaky -belgini basanyňda çykan reňklerden birini bermek bilen berip bolar;

Вид границы и линий-bölek обычное-ýazgyda bellik bolsa tablisadaky araçäklere we çyzyklara görnüş berýär:

Граница таблицы -zolakda araçäkleriň görnüşini, onuň sagyndaky -belgini basanyňda çykan sanawdan birini saýlamaly




Сплошная линия -zolakda tablisanyň çyzgylaryna görnüşi, onuň sagyndaky -belgini basanyňda çykan sanawdan birini saýlamaly




приподнятое-penjirede şu ýazgynyň öňünde bellik etsek, tablisanyň düşegi diňe серебристый-kümüşsöw, tablisanyň çyzyklarynyňky diňe серый-agyrak reňkde bolar hem-de her meýdan düwme şekilli bolar;

утопленное-penjirede şu ýazgynyň öňünde bellik edilse, tablisanyň düşegi diňe серебристый-kümüşsöw, tablisanyň çyzyklarynyňky diňe белый-ak reňkde bolar;

слева направо-ýazgynyň öňünde bellik edilse tablisanyň sütünleri-rekwizitleri-meýdanlary adaty ýagdaýda çepden saga ýerleşdirilýär;

справа налево-ýazgynyň öňünde bellik edilse tablisanyň sütünleri-rekwizitleri-meýdanlary adaty bolmadyk ýagdaýda sagan çepe ýerleşdirilýär, mysal üçin




Высота строки… - Формат-düwmäniň bu buýruk setiri bilen ýazgy setirleriniň dikligine möçber berilýär, möçber bermegiň penjiresiniň görnüşi şeýledir




Bu ýerde Высота строки:-ýazgynyň sagyndaky zolakda setiriň dikligine möçber ýazmaly, onuň aşaky etegindäki ☑ Стандартная-ýazgynyň öňünde şeýle bellik goýulsa, ol ýere möçber bermek gerek däldir.

Ширина столбца…- Формат-düwmäniň bu buýruk setiri bilen tablisanyň sütünine in berilýär, oňa baryp OK bassak şu penjire çykar




Bu penjirede Ширина столбца:-ýazgynyň sagynda sütüne in berilýär, eger Access-de kabul edilen standart kanagatlandyrsa, onuň aşaky etegindäki ☑ Стандартная-ýazgynyň öňünde şeýle bellik goýaýmaly. Eger sütüne ýazan maglumatyň ýazylyşy ýaly in berilmeli bolsa penjiräniň sagynyň iň aşaky По ширине данных-düwmesini basmaly.

Переименовать столбец - Формат-düwmäniň bu buýruk setiri bilen işlenýän tablisanyň islendik sütüniniň adyny täzeden berip bolar, onuň üçin ol sütüne barmaly, täzeden Формат>>Переименовать столбец>>Enter basyp täze ady ol sütüniň ýokarysyna ýazyp başlamaly.

Скрыть столбцы - Формат-düwmäniň bu buýruk setiri tablisada kursoryň duran sütünini ýa-da belgilenen sütüni iş penjireden gizlär. Gizlenen penjiräni öňkisi ýaly dikeltmek üçin Формат>>Отобразить столбцы…> >Enter basmaly şonda ekrana dikeldiş penjiresi geler




Penjiräniň Столбец: ýazgysynyň aşaky eteginde işlenýän tablisanyň sütünleriniň atlary getirilendir, bu ýerde her sütüniň öňünde ☑-şeýle belgi bar bolsa ol ekranda görüner, şeýle bellik bolmasa ol sütün gizlenendir, ony ekranda görjek bolsaň ol setiriň öňünde şol belligi goýmaly, Закрыть-düwmäni basmaly.

Закрепить столбцы- Формат-düwmäniň bu buýrugy bilen ulanyjy tablisanyň bir ýa-da birnäçe sütünini, iş penjiräniň çep böleginde ýerleşdirip ol ýere berkidýär, onuň üçin ol ýerleşdiriljek sütün ýa-da sütünler belgilenmeli Формат>>Закрепить столбцы>>Enter basmaly, berkidilen sütünleri boşatmak üçin Формат>>Освободить все столбцы>>Enter basmaly.

Подтаблица-buýruk bilen açylan tablisanyň meýdany ýa-da meýdanlary üçin goşmaça tablisalar düzülýär we alnyp barylýar.

Mazmuna geçmek

## 13.2.MS Access-de obýektler bilen işlenilendäki ýazgylar(Запиcи) menýuyda işlemegiň tehnologiýasy

Access-de obýektler bilen tablisa düzgüninde işlenilende, onuň buýruk setirleri aşakdaky setirlerde getirilendir




Bu ýerde her bir buýruk setiriň öz niýetlenilişi bardyr:

Фильтр- bu ýönekeý görnüşde soramadyr, ol ýazgylary gözlemek we tertipleşdirmek işleriň toplumydyr. Onuň netijesi maglumatlar saýlamakdyr. Süzgüçleriň aşakdaky ýaly görnüşleri bardyr:




Записи >> Фильтр>> Изменить фильтр >>Enter buýruk bilen adaty süzgüç penjirede ýazgylary saýlap almak üçin şertler redaktirlenýär-düzedilýär;

Записи >> Фильтр >> Фильтр по выделенному >>Enter buýruk iň ýönekeý süzgüji işe girizmegi üpjün edýär;

Записи >> Фильтр >> Исключить выделенное >>Enter buýruk ýazgylary görkezilen meýdana baglylykda süzmegi üpjün edýär;

Записи >> Фильтр >> Расширенный фильтр... >>Enter buýruk iş girizilende onuň penjiresi konstruktor düzgünde soramanyň penjiresine meňzeşdir, ol maglumatlary süzmek işini giňedýär;

Записи >> Фильтр >> Сортировка >>Enter buýrygy maglumatlary tertipleşdirýär;

Записи >> Фильтр >> Сортировка > > Сортировка по возрастанию >>Enter bolanda maglumatlar ösýän tertipde tertipleşdirilýär;

Записи >> Фильтр >> Сортировка > > Сортировка по убыванию >>Enter bolanda maglumatlar kemelýän tertipde tertipleşdirilýär;

Записи >> Фильтр >> Применить фильтр >>Enter buýruk maglumatlary süzmek düzgünini işe girizýär;

Записи >> Фильтр >> Удалить фильтр >>Enter buýruk açylan maglumatlary süzek düzgünini aýyrýar;

Записи >> Фильтр >> Сохранить запись Shift+Enter >>Enter buýruk açylan süzgüç işni amal edip ýzgylary ýatda saklaýar

Записи >> Фильтр >> Обновить >>Enter buýruk bilen süzmek işi täzelenip biliner;

Записи >> Фильтр >> Ввод данных >>Enter buýruk bilen süzülende maglumat binýadynyň tablisalaryna, soramalara maglumatlar girizilip biliner.